**O. Annanepesow**

# HALYPA – DARAGT, ŞÄGIRT MIWESI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2017

UOK 78 (575.4) : 378
A 65

**Annanepesow O.**
**A 65** **Halypa – daragt, şägirt miwesi.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – A.:Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.

TDKP № 296, 2017 KBK 85.245 ýa 73

© O. Annanepesow, 2017.



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

*– Halypalaryň ak pata berip, ak ýol arzuw etmekligi şägirt üçin uly ynam bolupdyr we bu asylly däpler nesilden-nesle geçip, biziň günümize ýetip gelipdir.*

# GIRIŞ

Türkmen milli aýdym-saz sungatymyzyň asyrlar boýy taraşlanyp, nesillerden-nesillere geçirilip, bu günki gün kämil derejä ýetirilmegi ussat bagşy-sazandalarymyz Gulgeldi ussa, Amangeldi Gönübek, Mämmetmyrat ussa, Şükür bagşy, Kel bagşy (Allaberdi), Sary bagşy, Täçmämmet Suhanguly, Mylly Täçmyrat, Pürli Sary, Nobat bagşy, Girman bagşy, Magtymguly Garly, Sahy Jepbar ýaly meşhur halypalaryň irmän-arman çeken zähmetleriniň miwesidir.

Biziň şu okuw gollanmamyz gadymyýetden dowam edip gelýän milli mirasymyz bolan «halypa-şägirtlik» sungatyna bagyşlanan. Hormatly Prezidentimiziň 2016-njy ýyly «Mirasa sarpa goýmak, Watany özgertmek ýyly» diýip yglan etmegi asyrlaryň gatlaryna siňen milli medeni mirasymyzy has çuňňur öwrenmäge itergi berdi.

Ata-babalarymyz «Şägirt halypadan ozdurmasa – kär ýiter» diýip ýöne ýere aýtmandyrlar. Hormatly Prezidentimiz 2010-njy ýylyň 24-nji fewralynda medeniýet, sungat, döredijilik intelligensiýasy bilen geçiren duşuşygynda geljekde medeniýet, sungat ulgamynda-da ama-la aşyrylmaly meseleler barada jikme-jik durup geçip, birnäçe teklipleri orta atdy. Biziň ata-babalarymyzdan gelýän milli mirasymyz hasaplanylýan milli aýdym-saz sungatymyz nesilden-nesle, dilden-dile, halypadan-şägirde geçip, «halypa-şägirtlik» milli okadylyş usulynda şu günümize gelen sungatdyr. Biziň ýaşap geçen meşhur halypa

bagşy-sazandalarymyzyň gadymyýetden dowam edip gelýän däbine eýerip, «halypa-şägirtlik» milli okadylyş usulynyň üsti bilen ýörite halypalar mekdebi döredildi. Şeýle hem şägirtleriniň ussatlyk derejesine ýeten ýagdaýynda halypalaryň «ak pata» bermek däbiniň hem ýola goýulmalydygy barada örän wajyp mesele nygtaldy.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe uly-uly ösüşleriň amala aşyrylýan zamanasynda hormatly Prezidentimiziň aýdanlaryndan ugur alyp, biziň hemmämiziň, ýagny milli aýdym-saz sungatymyzyň halypa mugallymlarynyň, ussat sazandalarynyň gujur-gaýratymyzy gaýgyrman, gadymy milli saz okadylyş usulyna mahsus bolan «halypa-şägirtlik» aragatnaşygynda milli aýdym-saz sungatymyzyň inçe syrlaryny ýaş nesle – şägirtlerimize geçirmek borjumyzdyr.

Şundan ugur alyp, «halypa-şägirtlik» gadymy milli okadylyş usulyna degişli ýazyjy Hudaýberdi Durdyýewiň «Şabram şelpeler» kitabynda milli aýdym-saz sungatymyzda halypa-şägirtlik ýoly barada halypa, ussat sazanda Pürli Saryýewiň meşhur bagşy-sazandalaryň ýerine ýetirijilik aýratynlyklary hakynda beren gürrüňlerini şu okuw gollanmamyzda ýerleşdirmegi göwnejaý hasapladyk:

–...Sary bagşynyň ogul şägirdi bolmak iki esse agyr düşýärdi. Ýöne bir şägirt bolaňsoň, eliň ýöremese, öz aýybyň. Men asgynlyk etsem weli, hem-ä öz ýaşlyk buýsanjymy ýere saljak, hemem ile meşhur kakamyň dilini gysga etjek. Ilki-ilkiler hasam igenç çekýärdim. Ýöne pahyryň, gahary gelse-de, azgyrylmasy bolmaz. «Pürli jan, oglum, atаň ýüküni agraltmaweri» diýer. Dulugyňa şarpyk çalnan ýaly bor... «Kümüşçi dostuň bolsa kümüşden çekijiň bolar» diýleni. Sary bagşynyň yzyna düşüp, Kel bagşy, Täçmämmet Suhanguly ýaly sütün halypalara ulaşdym... Ee-eý, o bendeleri ýatlasaň, hersiniň bir kitaplyk gürrüňi bolmaly. Indi-indi pähim edip, aňýan. Ikisem saza ýugrulan. Hersiniň hörpünde bir tüýsli inçelik bardy. Kel bagşynyň saza duýgurlygy alamatdy. Gyl ujy kem gaýtsaň, bolanok diýer tutar oturar. Perdäniň ýüzünde külbikesini titredip pelpelledip: «Kebelegiň ganat kakyşyny tymsal edin-de, näzikden mylaýym ýelpäp al» diýer. Onsoň şol «ýelpäp aljak» bolar ýörersiň. Bir aý geçer, iki aý geçer, käte ýyl boýy emgenersiň. Ahyry bir gün «bolýa» diýer, böwrüň ünjüsi diňe

şondan soň köşeşer. Özünden talap edişi zabundyr. Derman terezisinde çekýän ýaly ýekeje çirtiminem kemmän, sünnäläp, bezeg berip, keşdeläp çalar. Bir perdede hata goýberäýdigi, soň bäş-on günläp şol heňi çalmaz, «entek onuň menden oýny ökderäk» diýer...

Täçmämmet halypa başgarakdy. Heňiň daşky bezeg-nagşyny özem gowy görerdi, emma edil özüniňki ýaly etdirjek bolup oturmaz. Perdeden alynýan owazyň goýulygyna, saldamyna, ýürekden gaýdyşyna ähmiýet bererdi. «Saz çalmak ýöne owaz kebşirlemek däl» diýerdi. «Päki ýaly kesip-dilip barýan eliň bardyr, ökde çalarsyň, emma ol heniz ussatlyk däldir. Manysy telper owaza bezemenlikden haraý ýetmez. Eliňe ýüregiňden many insin» diýerdi. Kel bagşynyňam häli-şindi gaýtalaýan sözleri bardy: «Öwrenje elini diňlär, ussat – paýhasyny...».

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Garaşsyz, baky Bitarap ýurdumyzy, onuň edermen adamlaryny wasp edýän aýdym-sazlary döredýän bagşy-sazandalarymyzyň, milli aýdym-saz sungatymyzyň halypa mugallymlarynyň ömrüni we döredijiligini öwrenmeklige-de uly mümkinçilikler döredildi.

«Halypa – daragt, şägirt miwesi» atly okuw gollanmasynda milli saz sungatymyzyň ösüşi, asyrlarboýy dowam edip gelýän «halypa-şägirtlik» milli okadylyş däbiniň biziň günlerimize çenli gelip ýetişi we onuň kämil derejä ýetmegi üçin egsilmez goşant goşan ussat halypa mugallymlar Bäşim Lallakow, Allaberdi Allaberdiýew hakynda, şeýle hem häzirki döwrümiziň zehinli, tanymal dutarçylary hakynda söhbet etmekligi makul bildik.

Okuw gollanmasynyň soňunda Gahryman Arkadagymyza bagyşlap Amangeldi Orazowyň sözlerine döreden «Arkadagymyz» diýen aýdymymyz, şeýle hem awtoryň nota geçiren «Gülhanym», «Amman-amman», «Zybagözel», «Bal-Saýat» türkmen halk sazlary ýerleşdirildi.

## BÄŞIM LALLAKOW



Bäşim Lallakow Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynyň (häzirki Baharly etraby) Mehin obasynda 1927-nji ýylyň 9-njy maýynda dünýä inýär. Ol 5–6 ýaşlaryna çenli şol obada ýaşaýar. Soňra olaryň maşgalasy 1933-nji ýylda Aşgabat şäherine göçüp gelýär.

Ilkinji başlangyç bilimi Bäşim Aşgabat şäherindäki 23-nji orta mekdepde alýar. Aýdym-saza bolan höwes onda heniz çagaka döreýär, şoňa görä-de ol şol döwürlerde halypalaryň radioda berilýän sazlaryny ürç edip diňleýär we yhlas bilen öwrenýär. «Yhlas bilen aglasaň, sokur gözden ýaş çykar» diýlişi ýaly, ol özüniň irginsiz zähmeti, maksada okgunlylygy bilen ökde sazanda bolup ýetişýär.

Ol 1941-nji ýylda orta mekdebi tamamlap, şol wagtky pionerler köşgünde (häzirki Çagalar we ýetginjekler köşgi) dutara höwesek çagalara milli saz sungatymyzyň çylşyrymly tilsimlerini öwredip başlaýar. Bäşim heniz mekdepde okaýarka-da, pionerler köşgündäki dutar gurnagyna gatnap ýören wagty hem şol ýerdäki dutarçylar toparyna ýolbaşçylyk edýär.

1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda Bäşim Lallakow özüniň urşa alynmagyny haýyş edip birnäçe gezek ýaşaýan ýerine degişli bolan harby bölüme ýüz tutýar, ýöne şol wagtky pionerler köşgüniň direktory A.A.Waskanýan şol harby bölüme ýörite haýyş edip, saz sungatymyzyň geljekki ösüşi üçin, ýaş nesillere halypaçylyk eder ýaly, ony alyp galýar. Bäşim Lallakow hernäçe närza bolsa-da, ýerli häkimiýet «... Bu uruş wagtlaýyndyr, saz sungatymyzyň ösmegi we dowam etmegi üçin sen şu ýerde has gerekli adam, şonuň üçin öz Watan öňündäki mukaddes borjuňy şu ýerde berjaý edip bilersiň...» diýip, ony urşa gitmekden alyp galýar.

Ol şondan soň, şägirtlerine dutar çalmaklygyň inçe tilsimlerini, çylşyrymly öwrümlerini irginsiz öwredýär.

Bäşim Lallakow Türkmenistanyň milli saz sungatyny ösdürmäge uly goşant goşýar, ýaşan gysga döwründe birnäçe şägirtleri hem ýetişdirýär. Ol 1973-nji ýylda 46 ýaşynyň içinde biwagt aradan çykýar.

Türkmen medeniýetine we sungatyna uly sarpa goýýan zurnalistleriň biri R. Annamyradowyň «Miweli daragta deňelen halypa» diýen makalasynda halypa sazandalar barada şeýle sözler bar: «Türkmeniň agraslygyny, salykatlylygyny we sabyrlylygyny sazlaryna siňdirip, özüne sazanda-filosof diýdiren mukamçy kompozitor Çary Täçmämmedowdan Bäşim Lallakowyň ussatlygy barada sorapdyrlar. Şonda meşhur sazanda: «Bäşim diýlende, miweli daragt göz öňüme gelýär. Onuň gudraty bilen miweli şahalar dumly-duşa gol berýär» diýip, kesgitli jogap beripdir.

«Miweli daragtyň başy aşak bolar» diýlişi ýaly, aýdym-saz, bagşyçylyk sungatynyň ösmegine we kämilleşmegine nusgalyk derejede goşant goşan sazanda mugallym Bäşim Lallakow sadadan sypaýy, pespäl, dogruçyl, az gepli adam bolupdyr. Ýokary adamkärçilikli şol adam baradaky ýakymly gürrüňleri men geçen asyryň 80-nji ýyllarynda türkmen telewideniýesinde işe başlan günlerimde ussat sazandalar Ata Ablyýewden, Ýagmyr Nurgeldiýewden, Saparguly Işangulyýewden, Sapar Mämiýewden öwran-öwran eşidipdim. Ine, bu günki gün bolsa ajaýyp bagtyýar zamanamyzda halk sungatyna ömrüni, zehinini, mähir-yhlasyny bagyş eden Bäşim aga ýaly çyn zehinleriň hatyrasy belentde tutulýar...»

Öz halkyny Gün bolup çoýýan hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow şeýle diýýär: «Biz öz medeniýetimizi we sungatymyzy ösdürmäge goşant goşan adamlarymyza guwanmaga haklydyrys». Keremli, gudratly senet bolan dutarçylyga, mukamçylaryň on iki süňňüňi sökýän sazlaryna uly sarpa goýýan talapkär hem-de tejribeli mugallym Bäşim Lallakow hem guwanmaly, hem ezizlenmeli mähriban adam bolup, onuň aýdym-saza beslenen many-mazmunly döredijiligi yzygiderli öwrenilmäge mynasyp halypa. Muňa onuň bar ömrüni ýaşlara aýdym-saz öwretmäge bagyş etmegi, nota sowadyndan kemsiz baş çykaryp, sapak geçende öňdebaryjy iş tejribelerinden, okatmagyň kämil usullaryndan ýerlikli peýdalanmagy esas berýär.

Ol hünärini döredijilikli dowam etdiren mynasyp şägirtleri ýetişdirmekde hem nusga bolupdy. Aýdym-saza teşneler Bäşim aganyň çalan «Gözelim», «Leýli gelin», «Baga seýle» sazlaryny radiodan köp diňländirler, halypa «Ülkäm», «Elimiň hünäri» ýaly aýdymlary döredip, özüni mukamçy kompozitorlaryň hatarynda hem tanadypdy.

Şahalar kökden ýaýraýar. Daragtlaryň görk-görmegi, boýy-syraty datly miweleri bolsa onuň şahalarynda bolýandyr. Aý-gün dogup-ýaşyp, aýlar ýyllara uzap gidýär. B. Lallakowyň şägirtleri-de şol miweli daragtyň şahalary kimin aýdym-saz äleminiň jümmüşine sary gol uzadýar. «Gulpagyň», «Babajyklar», «Indidir-indi», «Zybagözel», «Altyn käse» ýaly halk aýdymlaryny nusgalyk derejede aýdyp:

Sen çyplaň inipsiň ýagty jahana,
Seni dünýä getireni unutma.
Ýüreginden ýürek berdi ol saňa,
Göwresinde göttereni unutma –

diýen bentden başlanyp, uly-kiçiniň ýüreginden turan Durdynazar Gowşudowyň goşgusyna «Unutma» diýen aýdymy döreden Türkmenistanyň halk artisti Dörtguly Durdyýew miweli daragta deňelen halypanyň ilkinji şägirtleriniň biri bolupdyr.

Bolan bir wakany gürrüň bereýin. Güneşe baý sahawatly diýarymyzda ýylda geçirilýän Türkmen bedewiniň toý dabarasy gyzyşypdy. Bedewler ula gidip, bilekleri güýçli pälwanlar güýç synanyşýardylar. Ala-ýaza öwrülen toýhananyň bir künjünde aýdym aýdylyp, saz çalynýardy. Nobat Mäne Garaýewe ýetýär. Ol Çary Alladurdyýewiň, Ata Täçmämmedowyň sazandarlygynda aýdym aýdyp, toýçy märekä hezil berip başlady. Ol «Tä men gelinçäm», «Owadan gelin», «Aýrylma» goşgulary saza salyp uz etdi. Soňra gezegi beýleki bagşylara geçirdi. Mäne bagşynyň aýdymlarynyň aşygy bolanym üçindir-dä, men bagşyny toýdan soň öýüne öz awtoulagymda alyp gaýtdym. Ýolda toýda aýdan aýdymlarynyň märekäniň göwnünden turandygyny nygtap: «Bagşy, Magtymgulynyň goşgusyndaky:

Namartlar hem muhannesler-naçarlar
Tagamyň iýr, işiň bolsa gaçarlar,
Dogry ýoldan egri ýola geçerler,
Tälim beren ussadyňdan aýyrma –

diýen setirleri aýdanyňyzda, halypalaryňyzy ýatladyňyz öýdýän» diýip ýüzlendim.

– Hawa-la, şol pursat gözümiň öňüne halypa-şägirt bolup işlenen, aýdym-sazlar edilen Sahy Jepbarly günler, şeýle hem eziz mugallymym Bäşim Lallakow gelýär diýip, buýsançly jogap beripdi. Soň-soňlar ýatlap otursak, Türkmenistanyň halk bagşysy Oraznepes Döwletnazarow, Türkmenistanyň halk artisti, Baýramdurdy Hudaýnazarow, Türkmenistanyň at gazanan artisti, gyjakçy Çary Alladurdyýew, Türkmenistanyň halk artisti Muhammetdurdy Muhammetnyýazow, Türkmenistanyň halk bagşysy Amanberdi Gowşudow, bagşy Atda Haýdarow, kompozitor Kakabaý Annanepesow we başga-da enceme ilhalar bagşy-sazandalar bolup, özüni tanadanlar Bäşim aganyň mekdebini geçipdirler.

Türkmenistanyň halk artisti, Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky ýörite sazçylyk mekdep-internatynyň ýokary derejeli mugallymy Amanöwez Saparow öz halypasyny şeýle ýatlaýar:

– Bäşim halypamyzyň ýolbaşçylyk eden aýdym-saz toparyna men 1957–1967-nji ýyllar aralygynda gatnapdym. Ol şägirtleriniň ukybyna, başarnygyna görä, olardan dört-bäş topar düzerdi. Her topar bilen üç gün işlärdi. Ýaňy başlan çagalary bir topara, aýdym-sazyň gyrasyndan girip, bäş-on aýdym öwrenenleri bolsa, ýene bir topara jemlärdi. Konsertlerde çykyş etmäge taýýar bolanlaryňam özbaşyna topary bolardy. Hemme çaganyň saza bolan ukyby, başarnygy, zehini deň bolmansoň, halypamyz has öňe saýlananlary ökdeleriň toparyna goşup, konsertlerde çykyş etmäge rugsat bererdi...

Türkmen milli konserwatoriýasynyň halypa mugallymy Oraznepes Döwletnazarow bolsa halypasy barada şeýle gürrüň berýär:

– Çagalykdan milli aýdym-saz sungatynyň aşygy bolanym üçin okuwymyň daşyndan şol döwürdäki pionerler köşgüniň (Çagalar we

ýetginjekler köşgi) aýdym-saz gurnagyna gatnardym. Bäşim Lallakow sadadan sypaýy adamdy. Ol çagalara milli aýdym-saz sungatymyzy sabyrlylyk, sadalyk bilen howlukman öwrederdi. Şu günki ýaly ýadymda.

Halypamyzdan «Näçe talyba tälim berdiňiz?» diýip soranymyzda, ol degşip: «Saçymyň her taryna bir şägirdim bar» diýerdi. Özem diýseň talapkärdi. Okuwçylaryndan bagşy-sazanda çykjak-çykmajagyny dessine aňardy. Halys bolmajak bolsa, «Han ogul, sen nesibäňi başga ugurdan gözleseň gowy bolardy, saz sungaty saňa eýgertmese gerek» diýip, göni aýdardy.

Halypamyz paýtagtyň otly ýolunyň gyrasynda ýaşaýardy. Şol ýerden tigirli gatnardy. Ynha, günleriň bir güni hem halypa bilen ugrumyz birräk bolup, bile gaýdyp barýarkak, ol maňa ýüzlenip: «Oraznepes, jigim, sen hökman bagşy bolup ýetişersiň. Sen aýdym-saz sungatyndan hünärmen bolarsyň» diýipdi. Biz ol döwürde ýetginjek oglan bolamyzsoň, halypamyzyň aýdanlaryna minnetdarlyk bildirmek bilen ýylgyraýardyk. Ýöne, hakykatdan hem onuň aýdan sözleri ugrunda bar eken.

«Meniň saz älemine aralaşmagyma, oňa çäksiz söýgiň döremegine Bäşim halypanyň çuňňur yhlasy, zähmetsöýerligi, beýik adamkärçiligi, medeniýetliligi ýardam etdi. Ol meniň höwesjeň sazandalykdan professional sazandalyga çenli geçen ýolumyň gözbaşynda duran eziz mugallymymyň biri» diýip, Türkmenistanyň halk artisti, kompozitor Baýramdurdy Hudaýnazarow ýatlaýar.

Hojamämmet Täçmämmedow, Şamyrat Gurbannepesow ýaly deň-duşlary bilen köp tirkeşip, bile aýdym-saz öwrenen Bäşim Lallakow olar hakda öz şägitlerine hemişe gyzykly gürrüňler berer eken. Ol tälim beren halypalaryny, bile işleşen kärdeşlerini hemişe hormatlapdyr. Bu günki günde bolsa, biz Bäşim agany, onuň many-mazmuna beslän döredijiligini ýatlaýarys. Halypanyň miras goýup giden özboluşly mekdebiniň ajaýyp döwrümizde aýdym-saz mekdeplerinde onuň şägirtleri tarapyndan ynamly dowam etdirilýändigini göreniňde, guwanýarsyň. Çünki halk sungaty dowamat-dowam bolar.

## ALLABERDI ALLABERDIÝEW



Türkmen saz sungatyny ösdürmekde, ýaşlara bu ugurdan ylym we terbiýe bermekde dutarçy mugallym Allaberdi Allaberdiýewiň hyzmatlarynyň orny uludyr. Ol ýaş nesliň uly toparyna halypalyk eden adamdyr.

Allaberdi Allaberdiýew Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynyň (häzirki Baharly etraby) Çerkezli obasynda 1931-nji ýylyň 27-nji maýynda daýhan maşgalasynda eneden bolýar. Ol heniz kiçijik çagaka kakasyndan mahrum bolupdyr. Allaberdi ese-boýa galandan soň, olar ejesi bilen Aşgabat säherine göçüp gelýärler. Allaberdi Aşgabat şäheriniň 9-njy orta mekdebinde okap başlaýar. Mekdepde okap ýören ýyllary onda saza bolan höwes döreýär. Bu höwes ýaş oglany öz erkine goýmaýar. Şonda ol özüne saz öwreder ýaly halypanyň gözlegine çykýar. Gözlegler Allaberdini Türkmen döwlet filarmoniýasynyň gapysyna getirýär. Ol filarmoniýa gelip, ilki Türkmenistanyň halk bagşysy Sahy Jepbarow bilen tanyş bolýar. Meşhur Sahy Jepbarowyň ýolbaşçylyk edýän aýdym-saz ansamblyny öwran-öwran synlaýar. Soňra bolsa ol mekdepde okamak bilen birlikde şol ansamblyň ýaşlar toparyna gatnaşmagy makul bilýär.

Türkmen döwlet filarmoniýasynyň aýdym-saz ansamblynda Allaberdiniň özi ýaly zehinli ýaşlar başga-da bardy. Esasy ünsüni saz öwrenmeklige beren Allaberdi Allaberdiýew tiz wagtyň içinde öz deň-duş sazandalaryndan öňe saýlanyp ugraýar. Ol sazlary özbaşdaklykda çalmaga kän ýykgyn edýär. Ilkibada türkmen halk sazlary oňa esasy repertuar çesmesi bolup hyzmat edýär. Halk sazlarynyň birnäçesini saýlap, olary nota boýunça çalmaga ýykgyn edip başlaýar. Halk sazlaryny nota boýunça çalmaklyk Allaberdi Allaberdiýew üçin täze bir dünýä aralaşan ýaly bolup görünýär. Ol bu işe uly höwes bilen ýapyşýar. Bu bolsa onuň halk saz gurallary ansamblyna tiz aralaşmagyna komek edipdir.

Allaberdi Allaberdiýew 1940-njy ýyllaryň aýaklarynda Türkmen döwlet filarmoniýasynyň halk saz gurallary orkestrine işe kabul edilýär. Bu bolsa ýaş, zehinli sazandanyň bu ugurda tiz kämilleşmegine, saz ýerine ýetirijilik ussatlygynyň artmagyna uly kömek bolýar. Allaberdi Allaberdiýewiň ýiti zehini, tutanýerliligi, başarjaňlygy oňa giň ýol açýar. Ol halypalaryň köpüsi bilen sungat gatnaşygyny saklaýar. Türkmenistanyň halk bagşysy Mylly Täçmyradow, Türkmenistanyň halk artisti Pürli Saryýew ýaly ussat sazandalardan halk sazlarynyň iň çylşyrymly ýerlerini jikme-jik öwrenýär. Ol diňe halk sazlaryny nota boýunça çalmak bilen çäklenip durman, mukamçy-kompozitorlaryň döreden sazlarynyň-da birnäçesini çalmagy öwrenýär.

Ýiti zehini Allaberdi Allaberdiýewi öz erkine goýman, ony her günki saz çalyş türgenleşiklerine alyp barýar. Ol özüniň bu halk saz gurallary orkestrindäki deň-duşlary bilen hem ýakyn aragatnaşyk saklaýar we olar bilen bile saz çalýar, öwrenýär.

Ol özüni deň-duşlary bilen bäsleşikli ýaly duýup, täze-täze sazlar bilen öz saz repertuarynyň üstüni ýetirip durýar.

Türkmen döwlet filarmoniýasynyň halk saz gurallary orkestrinde soň ökde dutarçylar bolup ýetişen Ýagdy Mämmetliýew, Türkmenistanyň at gazanan artisti Sapar Mämiýew, dutarçy Soltanmyrat Jygaýew, Türkmenistanyň halk artisti Ýagmyr Nurgeldiýew we başgalar işlärdiler. Olar bilen her gün diýen ýaly bilelikde saz çalmak Allaberdi Allaberdiýew üçin uly mekdep bolupdyr. Şol ýyllar Pürli Saryýew adyndaky halk saz gurallary orkestrinde «Pyýala», «Nätilär», «Leýli gelin» ýaly halk sazlary nota boýunça çalnypdyr. Ol bolsa şol sazlary orkestrde hem, ýekelikde-de çalmaga ökdeleýär. Ol orkestr bilen bile Türkmenistanyň dürli künjeklerinde bolup, halka ruhy lezzet paýlap başlaýar.

Ýaş hem zehinli sazandalaryň hatarynda tanalyp ugran Allaberdi diňe bir halk sazlaryny, türkmen mukamçy kompozitorlaryň döreden sazlaryny çalmak bilen çäklenmän, eýsem doganlyk halklaryň sazlaryna aralaşyp başlaýar. Bu bolsa zehinli sazandanyň tiz wagtda has ökde sazandalaryň hataryna goşuljakdygyny aňladýar. Onuň saz eserlerini nota boýunça çalmaga ökdeländigini doly subut edýär. Sazlary

ýerine ýetirijiliginiň kämil derejä ýetmegi, ussatlygynyň gün-günden artmagy onuň saz älemindäki gözýetimini giňeldip, döredijilik ýoluny hem açyp berýär. Onda çyn sungat adamynyň alamatlary aýan bolýar. Allaberdi Allaberdiýew üçin halk saz gurallary orkestrinde saz çalyp ýören wagtlary täze bir dünýäniň gapysy açylýar. Ol häzirki Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebiniň (öňki Türkmen döwlet sazçylyk uçilişşesiniň) okuwçysy hem halk saz gurallary orkestriniň sazandasy bolmak bilen, olaryň daşyndan hem halypalardan öwrenen sazlaryny öz gezeginde ýaş ösdürimlere öwredip ugraýar. Bu bolsa onuň saz sungatyna ymykly baş goşup, onuň netijeleriniň görnüp başlandygyny aňladýar. Allaberdi Allaberdiýew şol orkestrde tas ýigrimi ýyla golaý wagtlap saz çalýar.

1956-njy ýyl Allaberdi Allaberdiýew üçin has netijeli ýyl bolýar. Şol ýyl ol Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebinde mugallym bolup işe başlaýar. Ol bu mekdebiň, esasan, dutar bolümine ýolbaşçylyk edip, okuwçylara sazlary nota boýunça çalmagy öwredip, sähel wagtyň içinde özüniň uly başarnygyny görkezýär. Mekdebiň okuwçylary az salymyň içinde nota sowadyna ökdeleýärler. Ol okuwçylara ilki bilen sazlary, ýalňyşsyz çalyp bilmegi, soň hem şol öwrenenlerini nota boýunça çalmagy öwredýär. Allaberdi Allaberdiýew öz tutanýerliligi, maksada okgunlylygy bilen bu işiň hötdesinden gelipdir.

Dutarçy mugallymyň nota boýunça saz çalmagy ilki halk sazlarynyň çalnyşynda synlap görmegi özüniň gowy netijesini berýär. Şol ýyllarda «Berkeli çokaý», «Uçradym», «Şirin-şeker», «Azerbaýjan» ýaly halk sazlaryny nota geçirip, olary şol esasda çalmagy onuň bu ugurdan ýiti zehininiň bardygyny aňladýar. Şolar ýaly halk sazlaryny nota geçirenden soňra, ol Türkmenistanyň halk artistleri Çary Täçmämmedowyň, Ata Ablyýewiň, Ýagmyr Nurgeldiýewiň we başgalaryň döreden sazlaryny-da nota geçirip başlaýar. Onuň bu başlan işi hem özüniň gowy netijelerini berip ugraýar. Ol nota geçirip çalyp ugran sazlaryny derrew ozüniň okuwçylaryna öwretmek bilen bolýar. Özüniň nota boýunça çalýan sazlaryny okuwçylaryna çalmagy yzygiderli öwretmek bilen, mugallymçylyk işini hem alyp barýar.

2. Sargyt № 2576

Ol şol bir wagtyň özünde doganlyk halklaryň sazlaryndan hem birnäçesiniň nota geçirilen görnüşlerini çalmaga başlaýar. Şeýdip, ol özüniň saz sungatyndaky tejribesini artdyrýar. Ol bu ýerine ýetirip ýören işleriniň gymmatyny bilipdir.

Sazlary nota boýunça çalmaklygy gowy öwredip bilse, köpler minnetdar boljakdylar. Şonuň üçin hem ol nota bilen işlemegi has işjeň dowam edýär. Nota geçirýän sazlary onuň işlän ýörite sazçylyk mekdebiniň okuwçylary üçin-de, mugallymlary üçin-de zerurdy.

Dutarçy Allaberdi Allaberdiýewiň nota geçirýän sazlary barha köpelýär. Janypkeş sungat ussady «Bike halan», «Dilim gyrk», «Ýandym gyrk», «Selbinýaz gyrk», «Baga seýle» diýen sazlary hem nota geçirmegiň hötdesinden gelýär. Onuň şular ýaly nota geçiren sazlarynyň sany ellä golaýlaýar.

Bu hyzmatlar bilen hem çäklenmän, ol doganlyk halklaryň sazlarynyň birnäçesini nota geçirmäge synanyşýar. Bu hem özüniň gowy netijesini berýär. Soňra ol sazlary dutarda nota boýunça çalmagy hem özi öwrenýär, hem okuwçylaryna öwredýär.

Şeýle zehin hem tutanýerlilik ony öz erkine goýmaýar. Bu döredijilikli işi dowam edip, öz sungatyny nesillere galdyrýar.

Allaberdi Allaberdiýew ökde sazanda hökmünde-de tanalýar. Onuň özüniň ussatlyk bilen çalan sazlaryndan «Ýaşylbaş», «Ýow bagşy» ýaly halk sazlary bilen birlikde, mukamçy kompozitor Şamyrat Gurbannepesowyň «Ýubileý» sazynyň ýazgylary hem Türkmenistanyň radiosynyň altyn hazynasynda saklanýar. Ol sazlaryň ýazgylary wagtal-wagtal radio arkaly eşitdirilip durulýar. Nota ýazgylary bolsa häli-şindi okuw mekdeplerinde ulanylyp, okuwçylar we talyplar üçin gymmatly çeşme bolup hyzmat edýär.

Allaberdi Allaberdiýew 1971-nji ýylyň 23-nji awgustynda 41 ýaşynda tarpa-taýyn aradan çykýar. Emma onuň sungat ýörelgesi ýaş nesillere ýadygär galýar.

Türkmenistanyň aýdym-saz sungatynyň pajarlap ösmeginde ol dutarçy-mugallymyň bitiren işi uludyr. Onuň nusgalyk eden işleri, ýazyp giden notalary, milli sazlarymyzyň çalnyşynyň takyk usullary ýaşlara uly kömekdir. Biziň günlerimizde nota boýunça saz çalýan-

laryň köpüsi Allaberdi Allaberdiýewden tälim alypdyrlar. Olar hem öz gezeginde halypasyndan öwrenenlerini şägirtlerine öwredip gelýärler.

1940-njy ýylyň aýaklaryndan başlap Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebinde okap, tälim alanlaryň hemmesi Allaberdi mugallymdan hoşaldyrlar. Özüniň ýiti zehini, tutanýerliligi bilen giňden tanalan dutarçy mugallymyň şägirtleriniň birnäçesi indi ussatlaryň deňinde tanalýar. Olardan ussat halypa dutarçylar – Türkmenistanyň halk artisti, professor, «Gaýrat» medalynyň eýesi Ýolaman Nurymowy, Türkmenistanyň halk artisti, Magtymguly adyndaky Halkara baýragynyň we «Gaýrat» medalynyň eýesi Akmyrat Çaryýewi, Türkmenistanyň halk artisti, halypa mugallym, dosent, ussat sazanda we dirižýor (merhum) Begmyrat Gutlymyradowy, Türkmenistanyň halk artisti, kompozitor Baýramdurdy Hudaýnazarowy, Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri, halypa mugallym Öwezmyrat Gandymowy, Türkmenistanyň at gazanan artisti, halypa mugallym Nepesmyrat Meredowy, Türkmenistanyň halk artisti, kompozitor Şamämmet Bäşimowy, Türkmenistanyň at gazanan artisti, ussat gyjakçy Çary Alladurdyýewi, kompozitor Kakabaý Annanepesowy, halypa mugallymlar Meret Babaýewi, Şarly Maşrykowy, Muhammetabdy Sähedowy, Atabally Hojaýewi, ussat dutarçy, mugallym Sapargylyç Seýitgeldiýewi mysal getirmek bolar.

## ATABALLY HOJAÝEW



Ömrüni ýeke dutary bilen ümmüldeşip geçiren, şondan ýakyn hossary bolmadyk, ýöne ýagşy söz, ýagşy niýet bilen islendik adama hossarlyk edip bilen Atabally Hojaýew Sakarçäge etrabynyň häzirki «Ýalkym» daýhan birleşiginde 1935-nji ýylyň 10-njy maýynda eneden dogulýar. Onuň kakasyna Hoja aga, ejesine bolsa Ogulsoltan daýza diýerdiler. Demirçi ussa Hoja aga köpe ýaran adamdy. Ol oba adamlary üçin pil, orak, kätmen ýaly gurallary ýasardy. Atabally Hoja agadyr Ogulsoltan daýzanyň ýeke-täk perzendidi. Hoja aga ýüňi ýeten sazanda bolmasa-da, dutarda sadarak heňleri ussatlarça çalar eken. Atabally kakasynyň çalýan sazlaryny ünsli diňlär eken. Şeýdibem, ol käbir sazlaryň kakuwlaryny, perde basmalaryny öwrenýär. Mekdepdäki aýdym-saz gurnagyna gatnaşyp, aýdym-saza bolan höwesini has hem artdyrýar. Şeýlelik bilen, Hoja aganyň dutary indi ymykly Ataballynyň eline geçýär.

1955-nji ýylda Atabally Hojaýew Aşgabat şäherindäki Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebine okuwa girýär. Bu ýerde ol ezber sazanda Allaberdi Allaberdiýewiň elinde tälim alýar. Mugallymy oňa türkmen halk sazlaryny nota sowady boýunça çalmaklygyň inçe syrlaryny öwredýär. Atabally okan döwründe sazçylyk mekdebinde we onuň çäklerinden daşarda geçirilýän medeni çärelere gatnaşyp, özüniň kämilligini gitdigiçe artdyrýar. Ol öz halypasy Allaberdi Allaberdiýewi ýatlanda, onuň ezber sazandadygyny, belent adamkärçilikli ynsandygyny, talapkär halypadygyny aýdardy.

1959-njy ýylda Atabally okuwy tamamlandan soň, ony Mary şäherindäki sazçylyk mekdebine işe iberýärler. 1961-nji ýylda bolsa, ol Sakarçäge etrabynyň medeniýet öýüniň dutarçylar ansamblyna ýolbaşçylyk etmek üçin işe çagyrylýar. Etrabyň ady belli dutarçylaryny jemlemekde, ansamblyň repertuaryny has giňeltmekde onuň guramaçylyk ukyby ýüze çykýar. Onuň bu ugurda eden tagallalary ýerine-de düşýär. Ol ençeme gezek welaýat boýunça we döwletimiziň

çäklerinde geçirilýän bäsleşikleriň we festiwallaryň baýrakly orunlaryna mynasyp bolýar. Esasy işiniň daşyndan ol saz döretmegiň üstünde hem işleýär.

Ansamblyň düzümini etrapda ady belli sazandalar Myrat Gulmyradow, Hapyz Annagurbanow, Rahymberdi Şamyradow, Patyşaguly Girmanow, Ýaýlym Atakow, Gaýgysyz Pudakow, Baba Ataýew ýaly ezber sazandalar düzýär.

1964-nji ýylda A.Hojaýew «Komsomol» diýen ilkinji sazyny döredýär. Sakarçäge etrabynyň medeniýet öýüniň dutarçylar ansambly bu sazy çalyp, Respubilkan festiwalda birinji orna eýe bolýar. Bu saz şol ýyl türkmen radiosynda ýazga geçirilýär hem halk köpçüligine ýygy-ýygydan eşitdirilip başlanýar. Bu bolsa ýaş sazandada saz döretmek höwesini has-da artdyrýar.

Uzyn boýly, garaýagyz, nurana ýüzli Atabally köpleriň alkyşyny alan-da bolsa, köpçülikde ony tanaýanlar azdy, çünki ol uçursyz ýuwaş adamdy. Ol gara gazmanyň owazyny gazanç çeşmesine öwrenlerden däldi. Ony toýda-tomguda, dürli meýlislerde däl-de, eýsem diňe ümsüm ýerde, kellä göçgün berýän artykmaç dabaralaryň ýok ýerinde diňläp bolýardy. Ol öz hünäriniň taýsyz sungatdygyna juda oňat düşünýärdi. Şoňa mynasyp hem ýaşaýardy.

1975-nji ýylda Ataballynyň zehinine hormat goýýan, Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri, sazçylyk mekdebiniň şol wagtky direktory Myrat Muhammedow ony Sakarçäge etrabynyň merkezinde täze döredilen çagalar sungat mekdebine işe çagyrýar.

Çagalar sungat mekdebinde A.Hojaýew çagalara dutar çalmagyň inçe syrlaryny öwredip başlaýar. Atabally mugallymyň taýsyz tagallasy ýaşlarda dutara bolan höwesi artdyrýar. Mekdebiň ýaşajyk dutarçylary sähel salymyň içinde adygyp ugraýar. Dutar çalmaga, türkmeniň bu inçe sungatyny öwrenmäge höweskleriň sany gün-günden artyp ugraýar. Şonuň bilen Atabally mugallymyň aladasy artyp başlaýar. Şol ýylda dutarda ýerine ýetirilýän sazlaryň nota ýazgylarynyň ýetmezçilik edýändigi sebapli ol türkmen halk sazlaryndan «Bilezik», «Nar agajy», «Sallana», «Kiçi» ýaly sazlary, türkmen kompozitorlarynyň eserlerinden Nury Saryýewiň «Pioner», Aşyr Kulyýewiň «Moskwa»,

Täçmämmet Suhangulyýewiň «Bag içinde», «Azatlyk», Şamyrat Gurbannepesowyň «Höwesim», «Gurultaý», tans sazlaryndan «Nätilär», «Dilber» ýaly eserleri nota ýazgysyna geçirýär. Şol döwürlerde Atabally Hojaýewiň öz repertuarynda türkmen sazlarynyň 137-siniň bardygy baradaky maglumat onuň öz gündelik depderçesinde bar.

Atabally mugallym öz okuwçylary bilen irginsiz işlärdi, olaryň her bir üstünligine guwanardy. Onuň şägirtleri ýörite we ýokary okuw mekdeplerine hiç bir kynçylyksyz okuwa girerdiler. Ol şägirt ýetişdirmäge uly üns beripdir, ony halypasy hasaplaýanlaryň sany bolsa, ýyl-ýyldan artýar. Olaryň ornuny bolsa ýene on-onki ýaşly oglanlar eýeleýär.

A.Hojaýewiň dürli wagtlarda döreden «Komsomol» (1964 ý.), «Ganatly döwür», «Bagt mukamy» (1976 ý.) ýaly saz eserleri türkmen radiosynyň we telewideniýesiniň çeperçilik toparynyň talapkär agzalarynyň synagyndan üstünlikli geçip, türkmeniň milli saz hazynasynyň sanawyna goşulýar.

A.Hojaýew çagalara saz öwretmekde ýadamany-ýaltanmany bilmezdi. Olara irginsizlik bilen nota sowady arkaly saz çalmagy öwrederdi. Ol hiç wagt çagalara sesini gataldyp gaharlanmazdy, olar bilen islendik ýagdaýda mylakatly gürleşerdi. Ol ulyny uly ýaly, kiçini bolsa kiçi ýerinde goýup sylamagy başarýan kiçigöwünli adamdy. Halypa şeýdip, ýaş oglanlaryň onlarçasyna perde basmagy, sazy nota boýunça yzarlamagy öwretdi. Mugallymyň özi bolsa, Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň we jemgyýetçilik guramalarynyň Hormat hatlaryna mynasyp bolup, gymmat bahaly sylaglar bilen sylaglanýar. Bular sazandanyň hormatyny has hem artdyryp, ony oňküdenem höwesli işlemäge galkyndyrýar.

Atabally mugallym ýöränDE howlukman ýörärdi. Onuň ädim urşuny synlan adam ädimleriniň ädilişiniň birsydyrgynlygyny, deňdigini görüp, haýran galardy. «Işiň çagalar bilen bagly bolsa, howluganyň peýdasy ýokdur. Taryhyň çarhy yzyna-da aýlanmaz, tizliginem üýtgetmez. Şonuň üçinem wagtdan öňe düşjek bolman, başardygyňdan ony bihuda geçirmezlige çalyşmaly». Bu Atabally mugallymyň diline sena edinen sözleridi. Ol tötänleýin hem aňsat gazanylan şöhratyň ta-

rapdary däldi. «Adam bardy-geldi bir gezek bagty çüwmäýende-de, halys aslynda körzehin bolaýmasa, basym göze iler» diýip, ol şägirtlerine sargydyny öwüt-ündew şekilinde aňladardy. Irginsizligiň, erjelligiň ýok ýerinde hakyky üstünligiň hem bolmajakdygyny ol öz zehini, ukyby bilen sapak berýän her bir okuwçysyna sargardy. «Türkmeniň aýdym-sazy börňüldäp ýatan akabadyr. Azabyny çekmeseň, ondan saňa agyzsuwam ýetmez» diýip, Sary bagşynyň aýdan sözlerini gaýtalardy. Mugallymyň öz şägirtlerini şeýle ussat sazandalaryň sözleri bilen terbiýelemegi, onuň halypalara bolan hormat-sylagydy. Atabally mugallymyň sapak berýän otagynda ussat sazandalar Mylly aganyň, Pürli aganyň, Çary aganyň, Nobat bagşynyň, Girman bagşynyň suratlary asylgydy. Haýsydyr bir okuwçy sapaga taýýarlyksyz gelip, onuň ýanynda otursa, ol «Ýokardan halypalar seredip otirandyr, oýnagyňyz dutar bolsa, öňi bilen şu halypalary sylaň» diýerdi. Onsoň şol okuwçyny dynç güni sapaga çagyrardy. Ol gerek bolsa şägirtleri bilen bir sagat ýa iki sagat däl, günuzyn saz çalmaga taýyndy.

A.Hojaýew öz döredijiliginiň aýny wagtynda, ýagny 1981-nji ýylyň 10-njy oktýabrynda agyr keselden soň aramyzdan gitdi. Onuň ömür boýy maksat edinip, ýüreginde besläp gelen «Maksatly göwün» atly sazy nota ýazgysyna geçirilmän, onuň özi bilen bakyýete gitdi. Ýogsam bu sazyny nota ýazgysyna geçirmek üçin hassahanada hem dutaryny ýanyndan aýyrmady. Onuň göwni maksatly, gursagy arzuwdan, ertirki güne bolan uly ynamdan doludy. Arman, ussadyň saglyk ýagdaýy bize Atabally mugallymyň bu döreden iň soňky sazyny özüniň çalmagynda diňlemäge mümkinçilik bermedi. Ol agyr hassa ýatan mahaly hem gollarynda, barmaklarynda, ýüreginde, beýnisinde bar bolan güýjüni jemläp, magnitofon lentasyna ýazdyrmak uçin «Maksatly göwni» çaldy. Ýöne, näme üçindir, ussadyň «Maksatly göwnüniň» bu mukamy lenta ýazgysyna düşmedi, soňra ony gaýtalap çalmaga bolsa, nägehan ajal puryja bermedi.

Atabally mugallym heniz garrylyga ýeten adam däldi. Entek onuň dutaryň perdesinden arassa owaz alýan berdaşly gollary köp sazlary döretmelidi. Halypa sazanda «ömri gysga boldy...» diýmäge

diliň baranok, çünki diňe hiç bir manysyz, biperwaý ötürilen ömürler gysgadyr, halypa bolsa, öz ýaşan ömrüni manyly, yzyny dowamly ýaşady. Dünýä halklarynda, adamzat aslyna mahsus bolan bir däp bolup, ol hem «ýagşy adamy hiç wagt ýatdan çykarmazlyk, ýagşylykda ýatlamak». Atabally sazanda hem şeýle ynsanlaryň, «unudylman, ýagşylykda ýatlanylýan kişileriň» biri. Häzir Sakarçäge etrabynyň «Ýalkym» daýhan birleşigindäki sazandanyň öz ýaşan köçesi onuň adyny göterýär. Etrabyň çagalar sungat mekdebinde sazandanyň okadan iş otagynda onuň durmuş ýoluny gürrüň berýän maglumatlar bilen birlikde, onuň ömrüniň ahyryna çenli hemrasy bolan gara dutary saklanylýar. Ilhalar, ýiti zehinli, ezber halypamyzyň ömri onuň öz döreden mukamlarynda, ýetişdiren şägirtlerinde dowam edýär. Diýmek, ömür dowam edýär, sazanda ýaşaýar.

## AMANBERDI GOWŞUDOW



Amanberdi Gowşudow 1942-nji ýylyň 22-nji sentýabrynda Aşgabat şäherinde eneden dogulýar. Ol 1950–60-njy ýyllar aralygynda paýtagtymyzdaky 26-njy orta mekdepde bilim alyp, 1960-njy ýylda D.Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebine okuwa girýär. 1961–1964-nji ýyllar aralygynda harby gullukda bolýar. 1966-njy ýylda sazçylyk mekdebinde okaýarka näsaglyk tapynyp, 1967-nji ýylda lukmanlaryň maslahat bermegine görä, zähmet bilen baglanyşykly işe girmeli bolýar. Şeýlelik bilen, Aşgabadyň wagon bejerilýän deposyna işe girýär. 1989–1992-nji ýyllarda bolsa Türkmen milli konserwatoriýasyny gaýybana okap tamamlaýar. 1994-nji ýyldan bäri Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky ýörite sazçylyk mekdep-internatynda aýdym hem saz mugallymy bolup işleýär.

A.Gowşudow ýaşlygyndan dutar sazlaryna we gyjak sazlaryna köp üns berip, özüniň esasy hünäri bolan bagşyçylyk bilen üç hünäri bir wagtda ýöredýär. Onuň teleradioýaýlymlaryň altyn hazynasynda 100-den-de köp aýdymlary hem sazlary bar. A.Gowşudow mukamçy kompozitor bolup, onuň zehininden 50-ä golaý aýdymdyr saz döredi. Şonuň ýaly-da halk sazlaryndan, aýdymlardan işläp, 30 çemesi aýdymdyr sazlary döretdi.

Milli sungatymyzy wagyz etmekde bitiren işleri we aýdym aýtmakda ýokary ussatlygy göz öňünde tutulyp, A.Gowşudowa 1992-nji ýylda «Türkmenistanyň at gazanan bagşysy», 2010-njy ýylda bolsa «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen hormatly atlar dakyldy.

A.Gowşudow bagşylaryň arasynda nota sowatly mugallymlaryň biridir. Ol çylşyrymly hasap edilýän halk sazlarynyň birnäçesini nota geçirdi.

## KAKABAÝ ANNANEPESOW



Kakabaý Annanepesow 1943-nji ýylyň 25-nji fewralynda Aşgabat şäherinde eneden dogulýar. Paýtagtyň 8-nji mekdebiniň başlangyç synpynda okaýan döwründe, ýagny 1953-nji ýylda ol şäheriň çagalar we ýetginjekler köşgündäki dutarçylar toparyna gatnap başlaýar. Bu topara ezber halypa Bäşim Lallakow ýolbaşçylyk edýärdi. Kakabaý bu ýerde dutar çalmagyň ilkinji ädimlerini, şeýle hem ýetginjekler üçin niýetlenen birnäçe sazlary çalmagy öwrenýär. 1960-njy ýylda bolsa, K.Annanepesow D.Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebine kabul edilýär hem-de mugallym Allaberdi Allaberdiýewden tälim alýar. Mekdebiň 3-nji ýyl talyby, ýaş sazanda K.Annanepesow döredijilik bilen gyzyklanyp başlaýar. Bu ugurdan oňa sazandalaryň ençemesiniň halypasy, tejribeli mugallym, kompozitor Aşyr Kulyýew ýakyn maslahatçy bolýar. Talyplygyň soňky ýyllarynda Kakabaý çagalara niýetlenen birnäçe aýdymlary, çaklaňja sazlary döredýär. Beýleki saz gurallarynda ýerine ýetirilýän käbir sazlary dutar üçin işleýär.

Sazçylyk mekdebini tamamlandan soň, K.Annanepesow Türkmenistanyň kompozitorlar birleşiginde jogapkär kätip bolup işe başlaýar. Şol döwürde-de ol döredijilik işlerine has içgin aralaşýar. Täze döreden eserlerini Nury Muhadow, Matweý Rawiç, Rejep Rejebow ýaly kompozitorlara görkezip, olardan degerli maslahatlary alýar. Türkmen şahyrlarynyň goşgularyna «Gülälek», «Bagtyýar ýaşlyk», «Batly meniň gadamym», «Dostluk mähri» diýen aýdymlary, «Giriş sazy», «Bagşynyň aýdymy», «Tokkata», «Halk heňi» ýaly dürli saz gurallary üçin niýetlenen sazlary döredýär.

Ýyllar geçýär, K.Annanepesowyň döredijilik işi barha ýaýbaňlanýar. «Näzli dildarym», «Seni menden, meni senden», «Haly dokaýan läläm», «Sorarynyň» ýaly aýdymlary diňleýjiler tarapyndan gyzgyn garşylanýar. Awtoryň «Ýatla, ýarym», «Dostluk daragty»,

«Çopanyň aýdymy», «Haly dokaýan läläm» aýdymlary, şonuň ýaly--da halk saz gurallarynyň orkestri üçin «Bagtly çagalyk» sýuitasy aýdym-sazlar bäsleşiklerinde baýrakly orunlara mynasyp bolýar. 1977-nji ýylda K.Annanepesow D.Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebinde mugallym bolup işe başlaýar. Mugallymçylyk işi bilen birlikde, ol döredijilik işini hem dowam etdirýär. Halk saz gurallarynyň orkestri üçin 2 sany poemany, rapsodiýany, «Tansly kartinany» döredýär. «Leýli gelin», «Gyzlar geleýdi» ýaly halk heňlerini dutar hem-de fortepiano üçin täzeden işleýär.

Soňky ýyllar, has dogrusy, Türkmenistan döwletimiz Garaşsyzlyga eýe bolanyndan soň, awtorda täze döredijilik ylhamy oýanýar. Şol ýyllarda ol dutarçylar üçin niýetlenen «Gutlag sazy», «Nesil sazy», «Seýil bagy», şeýle hem «Eziz ülkäm», «Türkmenistanym», «Nur paýlaýan mekanym» we başga-da birnäçe döwrebap aýdymlary döredýär. Türkmenistanyň halk artisti O. Annanepesow, Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri, kompozitor M. Toýlyýew, Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri A. Ýazmyradow, Türkmenistanyň at gazanan artistleri B. Amanow, A. Annamyradow dagylar bu halypanyň ýetişdiren şägirtleridir.

Halypa mugallym K. Annanepesow 2015-nji ýylyň 20-nji awgustynda aradan çykdy.

## MUHAMMETABDY SÄHEDOW



Muhammetabdy Sähedow 1945-nji ýylyň 15-nji awgustynda Mary welaýatynyň Türkmengala etrabynyň Ýagty obasynda dünýä inýär. Onuň aýdym-saza bolan höwesi mekdep ýyllaryndan başlanýar. Muhammetabdynyň dutar çalmaklyga juda höweslidigini duýup, kakasy oňa dutar alyp berýär. Ol radiodaky halypa dutarçylaryň çalýan sazlaryny ürç edinip diňläp, özbaşdak öwrenip başlaýar. Ol mekdep ýyllarynda mekdebiň çeper höwesjeňler gurnagyna gatnaşýar, 1962-nji ýylda Baýramaly etrabyndaky 3-nji oba başlangyç hünär okuw mekdebine okuwa girýär. Ol şol ýerde ussat halypa dutarçy Oraz Bagybekowyň dutarçylar toparyna gatnaşyp, özüniň repertuaryny baýlaşdyrýar.

Muhammetabdy 1963-nji ýylda Aşgabat şäherindäki D.Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebine okuwa girýär. Ol ýerde dutar hünäri boýunça halypa mugallym Allaberdi Allaberdiýewden tälim alýar. Ol sazçylyk mekdebini 1967-nji ýylda üstünlikli tamamlap, öz obasyna gelip, sazçylyk mekdebinde dutarçylyk hünärinden mugallymçylyk edip başlaýar. Mugallymçylykdan daşary Muhammetabdy sazçylyk mekdebiniň dutarçylar toparyna-da ýolbaşçylyk edýär.

Ol Türkmengala etrabyndaky ussat dutarçy, halypa Durnazar Hudaýberenowyň ýolbaşçylyk edýän dutarçylar toparyna gatnap, onuň halypaçylyk mekdebinde tälim alýar. Muhammetabdy bu topar bilen etrap, welaýat, şeýle hem döwlet derejesinde geçirilýän çeper höwesjeňler festiwalyna yzygiderli gatnaşýar. 1973-nji ýylda Muhammetabdy bu toparyň düzüminde Moskwada, şol wagtky Çehoslowakiýada geçirilen konsertlerde çykyş edýär. Ol diňe Mary sazlaryny ussatlyk derejesinde ýerine ýetirmek bilen çäklenmän, eýsem Ahal sazlaryny, esasan hem, Mylly Täçmyradowyň çalşyna mahsus bolan sazlary ussatlyk derejesinde ýerine ýetirýär. Olardan «Gyrmyzy», «Oýan indi»,

«Näler göründi», «Sataşdym», «Döwletýar gyrk», «Ene» diýen türkmen halk sazlaryny mysal edip görkezmek bolar.

M. Sähedow birnäçe şägirtleri ýetişdirdi. Ol halypa dutarçy sazandalar Han Akyýew, Gurbanýaz Nuryýew, Amannazar Ataýew dagy bilen toýlara-da hyzmat eden sazanda.

## SAPARGYLYÇ SEÝITGELDIÝEW



Sapargylyç Seýitgeldiýew 1947-nji ýylyň 15-nji ýanwarynda Ahal welaýatynyň Bäherden (häzirki Baharly) etrabynyň Durun obasynda dünýä inýär. 1961-nji ýylda Sapargylyç öz obalaryndaky mekdebiň ýedinji synpyny tamamlap, Aşgabatdaky Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebine dutar hünäri boýunça okuwa girýär.

Ol ýerde Sapargylyç halypa dutar mugallymy Allaberdi Allaberdiýewden tälim alýar.

Ol öz halypasy Allaberdi Allaberdiýew hakynda şeýle diýýärdi: «Ol talapkär adamdy. Sapagy gowşak özleşdirip gelen wagtyň: «... şäherde okaýan diýip eneň-ataň puluny sowup ýörme, gowy okamajak bolsaň, olary aldama-da, öýüňe gaýt» diýerdi.

Ýokarky synplara baranymyzda, mugallymdan: «...indi dutary 5-lik baha çalyp bilerismi?...» diýip soranymyzda, ol: «Dutary 5-lige Çary Taçmämmet, Jepbar Hansähet, Mylly aga, Pürli aga dagy çalýar. Siz dutary 5-lik baha çaljak bolsaňyz entek ençeme çorba sowatmaly, zähmet çekmeli bolarsyňyz» diýip, jogap berdi.

Biziň okuwa giren ýörite sazçylyk mekdebimiziň 1-nji ýylynda Begmyrat Gutlymyradow, Akmyrat Çaryýew, 2-nji ýylynda Kakabaý Annanepesow, Baýramdurdy Hudaýnazarow, Ýolaman Nurymow, 3-nji ýylynda Meret Babaýew, 4-nji ýylynda Çary Alladurdyýew, Şarly Maşrykow dagy okaýardy. Allaberdi halypa, esasan, biziň barmaklarymyzyň ýiti, çalasyn ýöremegine köp üns bererdi. Ol «Eger eliň ýiti bolsa, diňlän sazyňy öwrenmekde hem kynçylyk çekmersiňiz» diýerdi» diýip, öz halypasyny ýatlaýardy.

Sapargylyç Seýitgeldiýew 1965-nji ýylda okuwyny tamamlap, öz obasyna gelip, mekdepde aýdym-saz mugallymy bolup işläp başlaýar. Ol 1967-nji ýylda «Gökdepe mukamy», «Biçäre», «Söýli halan», «Maýagözel», «Alagaýyşly» diýen türkmen halk sazlaryny radio ýazgy edýär. Ol sazlaryň ýazgylary radionyň altyn hazynasynda

saklanýar. S. Seýitgeldiýew 2015-nji ýylyň 11-nji ýanwarynda aradan çykýar.

Ussat sazandanyň kesbi-kärini ogly Orazgeldi Seýitgeldiýew dowam edýär. Ol türkmen telewideniýesiniň «Türkmen owazy» ýaýlymynda yzygiderli çykyş edýär. Orazgeldi Seýitgeldiýew häzirki döwürde Türkmen milli konserwatoriýasynda mugallym bolup işleýär. Ussat dutarçy Sapargylyç Seýitgeldiýew ogly hakynda şeýle diýýärdi: «Men her gezek onuň çalýan sazlaryny diňlänimde, türkmeniň «Ata kesbi – ogla halal» diýen parasatly nakyly ýadyma düşýär. Men oňa çyn ýüregimden guwanýaryn, buýsanýaryn». Ýeri gelende aýtsak, 2011-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda Orazgeldi Seýitgeldiýew hormatly Prezidentimiziň yglan eden «Türkmeniň Altyn asyry» bäsleşiginiň ýeňijisi bolup, Şa serpaýyna mynasyp boldy. Şeýle hem 2014-nji ýylda oňa «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen hormatly at dakyldy.

## AMANÖWEZ SAPAROW



Amanöwez Saparow 1947-nji ýylyň 4-nji maýynda Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Ýaňgala obasynda dünýä inýär.

Ýaňy mekdep ýaşyna ýeten çagy, atasy Öwezgeldi handan galan ýönekeýje dutary «oýnap» ugran Amanöwezi saza bolan höwesi Aşgabatdaky Pionerler köşgüne getiripdir. Sungat ussatlary bolup ýetişen ençeme bagşy-sazandalara ilkinji saz endiklerini öwreden Bäşim Lallakowyň ýolbaşçylygyndaky toparda Amanöwez hem dutar çalmagyň, aýdym aýtmagyň başlangyç tilsimlerini, usullaryny özleşdirip ugraýar. Az wagtyň dowamynda ökdeleýänleriň toparyna goşulyp, Aşgabat şäherinde hem-de onuň töweregindäki mekdeplerde guralýan duşuşyk konsertlerinde çykyş edip ugraýar.

Amanöwez 1961-nji ýylda Aşgabat şäherindäki 26-njy orta mekdebiň ýedinji synpyny tamamlandan soň, D.Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebine kabul edilýär. Tejribeli halypalaryň sazyň dürli ugurlaryna degişli geçýän dersleri onuň gözýetimini giňeldip, inçe senede bolan höwesini has-da artdyrýar. 1965-nji ýylda sazçylyk mekdebiniň halk saz gurallary bölümini tamamlap, türkmen telewideniýesinde ses režissýory wezipesinde zähmet ýoluna başlaýar. A.Saparow ýarym ýyldan soň, Türkmenistan radiosynyň aýdym-saz bölüminiň redaktorlygyna bellenýär. Bu ýerde alan tejribesi onuň uly sungata ymykly girişmegine ýardam edýär. Türkmen telewideniýesiniň we radiosynyň Çary Täçmämmedow tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän halk saz gurallary ansamblyndaky halypalar, radionyň Geldi Döwletow, Baýram Geldimyradow, Oguljahan Mämikowa ýaly tejribeli diktorlary, Kiçi Geldimyradow kimin Aşgabatda ýaşaýan bagşy-sazandalar bilen ýygy-ýygydan bolýan duşuşyklar Amanöweziň döredijilik örüsiniň giňelmegine çuň täsir eden bolsa, radionyň altyn hazynasyndaky gymmatly ýazgylar, galyberse-de, ýurdumyzyň dürli künjeklerinden bu ýere gelip, täze ýazgylary berýän bagşy-sazandalaryň ýerine ýetirýän aýdym-sazlary, deň-duş kärdeşleri, tälim alan ussatlary baradaky gyzykly gürrüňleri ýaş redaktoryň milli sazymy-

zyň dürli ugurlaryna has çuňňur aralaşmagyna, aýdym-saz mirasymyza, dürli ýollaryň ussatlaryna degişli gymmatly maglumatlary toplamagyna we töwerekleýin öwrenmegine giň ýol açýar.

Radionyň aýdym-saz bölüminde sözüň doly manysyndaky redaktor bolup işlemek üçin bilimini artdyrmak maksady bilen, A.Saparow 1966-njy ýylda häzirki Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen dili we edebiýaty fakultetiniň agşamky bölümine okuwa girýär. Mäti Kösäýew, Baýmuhammet Garryýew, Bäşim Şamyradow, Nazar Gullaýew, Kakajan Ataýew, Ata Saryýew ýaly belli alymlaryň täsirli sapaklary, milli edebi miras bilen halk saz sungatynyň, hususan-da, bagşyçylyk senediniň özara baglanyşygy, olaryň ösüp kämilleşmegine biri-biriniň edýän düýpli täsirleri hakdaky gyzykly gürrüňleri, getirýän anyk maglumatlary, ýaş hünärmeniň ýazan ilkinji radiogepleşiklerine itergi, kähalatlarda bolsa esas bolup hyzmat edipdi.

1969-njy ýylyň başynda A.Saparow Türkmenistanyň kompozitorlar birleşigine jogapkär kätibiň wezipesine kabul edilýär. Türkmenistanyň kompozitorlarynyň ençemesini jemleýän şol döredijilik guramasynda işlemegi ýaş sazşynasyň W.Muhadow, A.Kulyýew, M.Kulyýewa, A.Annagulyýewa, N.Hälmämmedow ýaly ussatlar bilen has ýakyndan tanyşmagyna, saz medeniýetimiziň dürli ugurlaryna düýpli aralaşmagyna ýardam berýär. Guramanyň yzygiderli geçirilýän diňlenişiklerinde, maslahatlarydyr döredijilik duşuşyklarynda ýaňlanýan täze saz eserleri, olaryň döreýşi, ilkinji sapar ýerine ýetirilişi bilen bagly gürrüňler, wakalar A.Saparowyň tejribesiniň artmagyna, gazet-žurnallar üçin ýazylan habarlaryň, makalalaryň peýda bolmagyna getiripdi.

Ýyllar geçdigiçe, A.Saparowyň ýazýan işleri çeperçilik taýdan kämilleşip, many-mazmun babatdan baýlaşýar. Muňa mysal hökmünde geçen asyryň 70–80-nji ýyllarynda çap edilen «Sungat ussady», «Doganlyk ülkede», «Ussatlygynyň çägi ýok», «Ajaýyp aýdymçy», «Türkmen sazynyň öwreniliş taryhyndan», «Türkmen kompozitorlary çagalara», «Beýik sazanda, ajaýyp halypa» atly göwrümli makalalaryny görkezmek bolar. Zehinli sazşynasyň türkmen saz medeniýetiniň dürli ugurlaryna bagyşlap ýazan işleriniň ençemesi şol döwürlerde Moskwada neşir edilen «Muzykalnaýa ensiklopediýa» atly 6 tomdan ybarat göwrümli kitabyň sahypalarynda berildi.

Tanymal sazşynaslaryň işleri barada onuň «Zamanasynyň Babagammary» hasaplanan Mylly aga hakdaky kitapçasyny ýatlamak bolar.

3. Sargyt № 2576

Diňe bir A.Saparowyň döredijiliginde däl, eýsem tutuş milli sazçylyk sungatymyzda hem görnükli orny eýeleýän «Mylly Täçmyradow» atly kitapçasynyň döreýşi barada ol şeýle gürrüň berdi: «1974-nji ýylda SSSR kompozitorlar guramasy halk saz medeniýeti bilen meşgullanýan hünärmenleriň giňişleýin maslahatyny geçirdi. Iwanowa şäherinde ýigrimi günläp dowam eden şol çärede Begmyrat Gutlymyradow, Kakabaý Annanepesow, Nailýa Abubakirowa dagymyz Türkmenistandan wekilçilik etdik. Maslahatda her gün bir döwletiň aýdym-sazlary diňlenip, olar barada pikir alyşmalar guraldy. Gezek türkmenistanlylara ýetende, öz ýanymyz bilen äkiden aýdym-saz ýazgylarymyzy eşitdirip, halk saz medeniýetimiziň ussatlary, olaryň ýerine ýetirijilik, döredijilik ýollary, usullary, halypa-şägirtlik däbiniň özboluşly taraplary barada giňişleýin gürrüň berdik.

Türkmen aýdym-sazlarynyň gurluş babatdan ýokary çylşyrymlylygyna, dürli bezeglere, täsin öwrümlere juda baýdygyna, ýerine ýetirijilerimiziň aşa ýatkeşligine hem-de taýsyz ussatlygyna, maslahaty gurnaýjylar we oňa gatnaşyjylar haýran galyp, türkmen sazy bilen has ýakyndan tanyşmak üçin, goşmaça ýene bir gün biziň sazymyzy diňlemeli diýen karara geldiler. Bu kanuny ýagdaýdy. Sebäbi milli sazymyzyň aýratynlyklary hakdaky maglumatlary özünde jemlän ýeke-täk iş W.Uspenskiý bilen W.Belýaýewiň «Türkmen sazy» atly iki tomlugy, şol döwürde eýýäm juda seýrek gabat gelýän kitaplaryň hataryndady. Moskwanyň, Peterburgyň neşirýatlary tarapyndan «SSSR halklarynyň aýdym-sazlary» diýen at bilen çap edilen ýygyndylarda bolsa milli saz medeniýetimiz hakda «Ýarowjan», «Bibijan» ýaly ýönekeý heňleriň mysalynda gürrüň edilipdi. Şoňa görä-de bütin soýuz möçberinde geçirilen maslahata gatnaşyjylaryň «Saltyklar», «Ýandymlar», «Kyrklar», «Hajygolak», «Burnaşak» ýaly ençeme nusgalyk mukamlarymyzdan, Mylly Täçmyradow, Pürli Saryýew, Çary Täçmämmedow ýaly ezberleriň örän ýatkeşliginden, ýokary ussatlygyndan bihabar bolmaklygy tebigydyr.

Türkmen saz gorunyň altyn hazynasyna giren ajaýyp aýdym-saz ýazgylarynyň ençemesini ine-gana diňlän dürli halklaryň we birnäçe döwletleriň saz hünärmenleri, mukamçylarymyzyň, bagşylarymyzyň döredijilik hem-de ýerine ýetirijilik beýikligine haýran galyp, olaryň ruhlarynyň öňünde baş egýändiklerini gaýta-gaýta nygtadylar. Ine, şondan soň meşhur türkmen sazandasy Mylly Täçmyradowyň döredi-

jilik, ýerine ýetirijilik ussatlygynyň mysalynda, milli saz medeniýetimiziň dürli ugurlary hakda pikir ýöredip, ýurdumyzyň çäginden has alyslara ýetirmegi maksat edindik».

Amanöwez aga sözüne dyngy berip, az-kem oýlandy-da: «Şeýdibem Mylly aganyň 100 ýyllyk ýaş toýunyň öňüsyrasynda bu kitapça, häzirki Garaşsyz döwletleriň arkalaşygyna girýän ýurtlaryň kitap dükanlaryna ýaýrady» diýdi.

Öz döwründe «Türkmen sazynyň bagbany», «Zamanasynyň Babagammary» diýlip şahyrana atlandyrylan Mylly aga hakda bu işde, beýik halypanyň ussatlyga ýetişen şägirtleriniň ýagşy ýatlamalary, milli sazymyzyň janköýerleriniň, ýazyjy-şahyrlaryň, kompozitorlaryň, suratkeşleriň bu beýik ynsana bagyşlan belli-belli eserleri hakda durlup geçilýär. Mylly aganyň şeýda köňlünden kemala gelen «Bahar», «Ýeňiş» atly meşhur sazlarynyň gurluş, perde aýratynlyklary, bezeg serişdeleriniň ulanylyş usullary anyk mysallar arkaly seljerilýär. «Nagyş», «Şirin-şeker», «Sataşdym» ýaly halk mukamlarynyň mysalynda ussadyň ýerine ýetirijilik özboluşlulygy her bir eseriň şowhunyny, depginini, häsiýetini anyk kesgitleýşi, sazlaryň hersine laýyk nur çaýyp, olara täsin lybas «geýdirişi» teswirlenýär.

Kitapçanyň ahyrynda M.Täçmyradowyň dürli döwürlerde çalan sazlarynyň sanawy berilýär. Şol eserleri birin-birin atlandyryp okap otyrkaň: «Bu ýazgylaryň esasy gymmaty nämeden ybaratka?» diýen sowal hakydaňa gelýär. A.Saparow bu sowala kitapçanyň dowamynda şeýleräk jogap beripdir:

«Birinjiden, özünden öň ýaşap geçen ussatlara nesip etmedik– çalýan sazlaryny ýazgy edip nesillere miras galdyrmak bagty ilkinji gezek Mylly aga miýesser bolupdyr.

– Ikinjiden, halypalaryň çalan mukamlarynyň asyl nusgalarynyň özboluşly nepisligini şol ýazgylar arkaly saklamaga çalşypdyr. Hut şeýle maksat bilen hem «Jelil», «Saltyklar», «Hajygolak» ýaly köpnusgaly sazlaryň her birini aýry-aýrylykda, ýagny haýsy görnüşiniň haýsy halypanyň döredijiligine, ýerine ýetirijiligine degişlidigini aç--açan, aýyl-saýyl edip çalypdyr. Sazlary ýazgy eden işgärlerden şol anyklygy kagyz ýüzünde beýan edip, resmileşdirmegi talap edipdir;

– Üçünjiden bolsa, Mylly aga çalan her bir eseriniň özboluşly depginini, şowhunyny kesgitläp, basym, gyruw, çirtüw, gapak syrmak, şelpe ýaly dürli bezeg serişdeleri arkaly, sazlaryň has häsiýetli taraplaryny, many-mazmun ýordumyny aýdyň ýüze çykarypdyr.»

«Meniň sazşynaslyk işimiň kämilleşmeginde hormatly Prezidentimiziň taryhy çözgütleri esasynda 2007-nji ýylyň 3-nji oktýabrynda «Owaz», 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwarynda bolsa «Türkmen owazy» teleradioýaýlymlarynyň işe başlamagynyň uly itergi berendigini aýratyn nygtasym gelýär. Täze döredilen, esasan, ýaşlardan ybarat «Owazyň» işgärleriniň arasynda aýdym-sazdan o diýen ýeterlik tejribesi bolmadyk, ýöne galamlaryny dözümli ýöredip bilýän oglan-gyzlar hem bardy. Saza degişli ençeme sowallar bilen häli-şindi ýüzlenip, maslahatlaşyp durýan ýaşlar köp bolansoň, esasy işimden boş wagtymy köplenç olaryň arasynda geçirerdim. Bilýän zatlarymy gürrüň berip, ýüze çykýan sowallaryny, ikirjiňlenýän meselelerini çözmegiň ýollaryny salgy bererdim. Soňabaka olaryň taýýarlaýan aýdym-sazly söhbetdeşliklerinde çykyş edip başladym. «Türkmen owazy» teleýaýlymy işe başlanda-da hut şeýle bolupdy. Şol döwür meniň teleradioýaýlymlarda iň köp çykyş eden ýyllarym bolupdy» diýip, Amanöwez halypa indi ep-esli tejribe toplan, zehinli hünärmenleriň ençemesini atlandyryp, olaryň döredijilik babatdan barha kämilleşýändiklerine guwanjyny, buýsanjyny höwes bilen gürrüň berdi...

Ilkinji makalalary 1969-njy ýylda gazet-žurnallaryň sahypalarynda peýda bolan, 1980–85-nji ýyllarda Türkmen döwlet mugallymçylyk sungat institutynda ýokary saz bilimini hem alan A.Saparowyň döredijiligi Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe has-da giň gerime eýe boldy. Munuň şeýledigine onuň milli dutarçylyk senedimiziň ägirdi Kel bagşy Allaberdi Aýdogdy ogly hakdaky makalalar toplumy, «Magtymguly Pyragy we milli saz medeniýetimiz», «Küýsegli mukamlar», «Gözbaş bolan mukamlar», «Kagyza siňen mukamlar» atly makalalary hem-de «Hatyraly halypalar» diýen sözbaşy bilen «Diýar» žurnalynda çap edilen Täçmämmet Suhanguly, Nazar baga, Hanmämmet gyjakçy, Nobat bagşy, Sary bagşy ýaly sütün halypalar baradaky işleri mysal bolup biler.

Ýokarda atlary agzalan işlerinden ýa-da «Dünýä doljak owazlar», «Taňry ýalkasyn, hormatly Prezidentimiz», «Päk söýginiň waspçysy» ýaly makalalaryndan, «Kämillige tarap», «Türkmen kompozitorlary» (2009 ý.), «Kämillik» (2010 ý.), «Her çemenden bir gunça» (2011 ý.) atly kitaplaryndan çen tutsaň, A.Saparowyň milli sazymyzyň dürli ugurlary bilen içgin gyzyklanýandygyna aýdyň göz ýetirmek bolýar.

«Baýar bagşy», «Dirižýor hem kompozitor Nury Muhadow», «Güldesse» atly telewizion filmleriň edebi esasyny (ssenarisini) ýazyp, sungatyň bu ugrunda tejribe toplan A.Saparow, soňky üç-dört ýyllykda, Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginde surata düşürilen «Gökdepe mukamy», «Bagşy sen», «Täsin owazlar» atly dokumental hem-de «Kel bagşy» diýen çeper-publisistik filmleriň edebi esaslaryny ýazdy. Şu setirleriň awtorynyň «Ussat sazanda Ý. Nurymow» (2008 ý.) atly okuw usuly gollanmasy A.Saparowyň umumy redaksiýasy bilen neşir edildi. Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň 2010-njy ýylda türkmen, iňlis we rus dillerinde çapdan çykaran «Galkynyş mukamy» atly kitabynyň başky bölümini ýazan bu halypa N.Nyýazlyýewiň «Gönübek» atly oçerk we makalalar ýygyndysyna hem sözbaşy ýazdy. A. Saparowyň ýyllaryň dowamynda toplan baý tejribesini bir ýere jemleýän ýene bir işini belläsimiz gelýär. Görnükli bagşy-sazandalaryň uly bölegi baradaky gymmatly hem-de anyk maglumatlardan ybarat «Sungatym – buýsanjym» atly kitaby Türkmen döwlet neşirýat gullugy 2014-nji ýylda çap etdi.

Döredijilik, jemgyýetçilik işlerini mugallymçylyk käri bilen utgaşykly alyp barýan A. Saparowdan tälim alan hünärmenlere ýurdumyzyň dürli künjeklerindäki medeniýet ojaklarynda häli-şindi duşmak bolýar. Olaryň birnäçesi ýokary we orta sazçylyk okuw mekdeplerinde ýaşlara bilim-terbiýe berýän bolsa, ýene bir topary Türkmen milli konserwatoriýasynda okuwlaryny dowam edýärler. Ýarym asyra golaý wagtdan bäri medeniýet ulgamynda işläp gelýän halypanyň bitiren hyzmatlary göz öňüne tutulyp, Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany bilen 2009-njy ýylda oňa «Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri» diýen hormatly at dakyldy. «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygyna» ýubileý medaly bilen sylaglandy. 2012-nji ýylda bolsa «Türkmenistanyň halk artisti» diýen belent ada mynasyp boldy. Soňra Magtymguly Pyragy medaly, şeýle hem «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 25 ýyllygyna» ýubileý medaly bilen sylaglandy.

Amanöwez Saparow häzir Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky ýörite sazçylyk mekdep-internatynda çagalara bilim-terbiýe berýär. Ýurdumyzyň dürli welaýatlaryndan gelen zehinli çagalaryň ençemesiniň sazyň täsin dünýäsine has içgin aralaşmaklary üçin ýadawsyz iş alyp barýar.

## ÖWEZMYRAT GANDYMOW



Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri, Türkmenistanyň ussat mugallymy, sazanda Öwezmyrat Gandymow 1947-nji ýylyň 17-nji maýynda Mary welaýatynyň Wekilbazar etrabynyň Gökje obasynda eneden bolýar.

Öwezmyrat meşhur Hydyr bagşynyň neberesinden bolup, ol ýaşlygynda ussat sazandalar Ýazgeldi Kuwwadowy, Han Akyýewi diňlemek bagtyna eýe bolýar.

Olardan saz sungatynyň ilkinji tälimlerini alýar. Ol 1964–1968-nji ýyllarda D.Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebinde dutar hünäri boýunça ezber mugallym Allaberdi Allaberdiýewden tälim alýar. Ol bu ýerde esasy saz hünäri sapagy bilen birlikde halypadan halk sazlaryny nota ýazuwyna geçirmegiň hem inçe tilsimlerini öwrenýär. Bu bolsa oňa kompozitorlyk sungaty bilen içgin gyzyklanmaga itergi berýär. Şeýlelik bilen, ol belli kompozitor Durdy Nuryýewden kompozitorlyk sungatyndan goşmaça sapak alýar. Ol öz hünärini ýokarlandyrmak, bilim derejesini artdyrmak maksady bilen 1971–1976-njy ýyllarda Daşkendiň Muhtar Aşrafi adyndaky Döwlet konserwatoriýasynyň milli saz gurallary fakultetini hem tamamlaýar. Ö.Gandymow konserwatoriýada okan ýyllarynda ussat kompozitor B.F.Giýenkodan hem kompozitorçylyk ugry boyunça goşmaça sapak alýar.

Ö.Gandymow ömrüniň kyrk ýyldan gowragyny, ýagny mugallymçylyk işiniň esasy bölegini Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky ýörite sazçylyk mekdep-internatynda çagalar bilen işlemeklige bagyşlaýar. Şonuň üçin hem onuň döredijilik işiniň köp bölegi sazçylyk okuw mekdepleri üçin okuw repertuaryny döretmekden, olar üçin niýetlenen okuw kitaplaryny ýazmakdan ybarat bolýar.

Onuň zehininden dörän «Dutarçylaryň hrestomatiýasy» (1971 ý.), «Dutar üçin 12 heň» (1992 ý.), «Halk saz gurallaryny çalmagy öwretmegiň usullary» (1993 ý.), «Gargy tüýdük» (2000 ý.), «Kanun

çalmak» (2003 ý.) ýaly ençeme işleri neşir edilip, sazçylyk sungat mekdeplerinde okuw gollanmalary hökmünde ulanylyp gelinýär. «Türkmen milli saz gurallary» kitaby bolsa türkmen, rus, iňlis dillerinde çap edildi.

Ö.Gandymow halypasy Allaberdi Allaberdiýewden soň halk sazlaryny nota geçirmekligi dowam etdiren hem onuň ýazuw esaslaryny ymykly kämilleşdirip, bu wajyp işe uly goşant goşan ilkinji ussatlaryň biridir. Ö.Gandymow sazşynas hökmünde 100-e golaý ylmy makalalaryň, «Han Akyýew», «Ýazgeldi Kuwwadow», «Amannazar Ataýew» ýaly ussat sazandalaryň döredijilik ýoluny beýan edýän, sazşynaslyk jähetinden ýazylan ylmy kitaplaryň hem awtorydyr.

Ö.Gandymow kompozitor hökmünde milli saz gurallary üçin ençeme eserleri döreden, şol sanda onlarça halk sazlaryny gaýtadan işlän awtor hökmünde hem bellidir.

## BAÝMYRAT SOLTANOW



Baýmyrat Soltanow 1947-nji ýylyň 9-njy sentýabrynda Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynyň Garadaşaýak obasynda dogulýar. Ol iki ýaşyndaka kakasy aradan çykýar, ýetim galan 6 çagany ejesi terbiýeläp ýetişdirýär. 7 ýaşyny dolduran Baýmyrat obalaryndaky 1-nji orta mekdebe okuwa barýar. Ol ýaşlygyndan aýdym-sazy gaty gowy görýär, mekdepde okan döwürleri öz mugallymlarynyň tabşyryklaryny ak ýurekden ýerine ýetirip, gurnaklara gatnaşyp, köpçüligiň öňünde aýdym-saz bilen çykyş etmegi başarypdyr. Ol orta mekdebi 1965-nji ýylda tamamlap, 1966–1970-nji ýyllarda kolhozda işleýär we şol bir wagtyň özünde obadaky çeper höwesjeňleriň dutarçylar toparyna ýolbaşçylyk edýär. 1967-nji ýylda Baýmyrat Soltanow Türkmenistanyň çeper höwesjeňler sungatynyň festiwalynyň guramaçylyk komitetiniň Hormat hatyna mynasyp bolýar. 1970-nji ýylda ol Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynyň A.Gowşudow adyndaky 1-nji orta mekdebine işe girýär. 1971–1977-nji ýyllarda mekdepde mugallym bolup işlemek bilen Baýmyrat Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň gaýybana bölüminde okaýar we 1977-nji ýylda uniwersiteti üstünlikli tamamlap, türkmen dili we edebiýaty hünäri boýunça ýokary bilim alýar. Şol bir wagtyň özünde ol obalaryndaky dutarçylar toparyna ýolbaşçylyk etmegi hem utgaşykly alyp barýar. Mekdepde dutarçylar gurnagyny ýola goýan Baýmyrat bu ugurda uly netijeleri gazanýar. Onuň ýolbaşçylyk edýän topary «Garaşsyzlygyň merjen däneleri», «Türkmeniň Altyn asyry» bäsleşiklerinde ýeňiji bolýar.

Baýmyrat Soltanowyň sazlarynyň 14-si türkmen radiosynyň altyn hazynasynda we 24-si türkmen telewideniýesiniň «Türkmen owazy» ýaýlymynda saklanýar. 2011-nji ýylda bolsa «Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri» diýen hormatly at dakylýar.

Baýmyrat Soltanow özüniň aýdym-saz sungatyna gelşi, halypalary barada şeýle gürrüň berdi:

– Mende dutara bolan höwesiň döremegine agalarym Şamyrat, Nurmyrat sebäp boldular. Olar menden 10–12 ýas uludylar.

Kakam pahyr men iki ýaşymdakam ýogalypdyr. Bizi eklemek ejemiň we uly agalarymyň üstüne düşýär. Olar kolhoza işe gidýärdiler. Agalarym maý tapdygy dutar çalýardylar, aýdym aýdýardylar. Köplenç agşamyna aýdym-saz edilýärdi, öýümiziň bir otagy agalarymyň deň-duşlaryndan dolýardy. Olaryň käbiri dutarly gelýärdi. Biziň bir otagymyz medeniýet öýi ýalydy. Men hem olaryň diňleýjileriniň biridim hem-de olaryň çaýyna-suwuna seredýärdim.

Men 7–8 ýaşlarymdakam agam Nurmyrat dutar çalmagy öwretdi. Men okuwdan geldigim, dutar çalmaga endik etdim. Soňra gramplastinkadan, magnitofondan saz öwrenip başladym.

Soň bolsa, uly agam pajygaly ýagdaýda aradan çykdy. Ýene bir agam göçüp gitdi. Ol geldigi, töwerek-daşymyz ala-ýaz bolardy. Aýdym-saz edilýärdi. Bagşyçylygyň Ahal, Mary, Daşoguz, damana we beýleki ýollary boýunça aýdymlar aýdardylar, Sahy Jepbar, Mylly aga, Jepbar Hansähet, Çary Täçmämmet, Hommat Jelil, Sygan bagşy ýaly ussatlaryň tarypy ýetirilýärdi.

Men, esasan hem, Jepbar Hansähedowyň dutar çalşyny gowy görýärdim. Agam Nurmyrat bize gelende, mydama ýany bagşy-sazandalydy. Köplenç Hommat Jelil, Jepbar Hansähet, Japar Hojanepes, Çary Täçmämmet üýşerdiler. Men olaryň gelenine begenip, hyzmat ederdim.

Ejem aýdym-saza gowy düşünse-de, çagalarynyň şatlanmagyny islese-de, Nurmyradyň aýdym-saza aşa köp üns bermegini känbir halamazdy.

Bir gezek Çary Täçmämmet gelende, Nurmyrat maňa dutary berip «Çary aga, inimiň çalşyny diňläp görsene» diýdi. Men «Maýagözel», «Söýgi mukamy» sazlaryny çaldym. Çary aga maňa: «Bo-how, men özüm bir bu sazlary sen ýaly çalýanmy?» diýdi (göwün götermek isländir-dä). Soň Nurmyrada ejemi çagyrdyp: «Şu ogluňy maňa ber, dutar öwredeýin» diýdi. Ejem Nurmyrada barmagyny uzadyp: «Öwretjegiňi şoňa öwrediber, mydama öýüne myhman, bu meniň körpe oglum, bu bir öý-hojalyga sereder ýaly bolsun» diýdi. Çary aga hezil edinip

güldi. Ejeme garap: «Saňa bir saz çalyp bereýin» diýip, saz çaldy. Soň Çary aga dutaryň kirşini gaty çekdi-de, üstüne sanap pessaý ses bilen Magtymgulydan aýdym aýdyp berdi. Ejem aýdymy ýürek bilen, başyny çalaja aşak ýokaryk yralap diňledi-de: «Ýene-de aýdaweri» diýdi. Çary aga bolsa: «Men, umuman, saz çalýan, ýöne aýdym hemme kişä-de has düşnükli bolýa-da. Senem çülpe çagalaryňy eklemeli bolupsyň, köp kynçylyklary görüpsiň, teselli beräýeýin diýdim» diýdi. «Aýdymyňdan ýene aýdyp ber, bagşy aga» diýip, ýene-de ejem dillendi. Çary aga ýene-de manyly-manyly sözleri bolan aýdymlary aýtdy. Ejem aýdymlary diňläp, «Sag bol» diýdi. Çary aga: «Çagalaryň ýetişer, gowy günleri hem görersiň» diýip, ejeme göwünlik berdi.

Çary aganyň saz çalyş aýratynlygy bardy. Sazyň belli-belli ýerlerinde elini başyndan aýlap-aýlap, dutaryň sapy bilen kädisiniň birleşýän ýerine şelpeläp kakardy welin, dutar zaryn ses ederdi. Ol sazlary aýyl-saýyl edip, düşnükli çalardy. Kä ýagdaýda dutary gujagyndan ýokaryk göterip perdelerde gezmeleýän eline tarap mazaly itekläp, gerekli owazy alyp, ýene-de dutary dyzynyň üstünde gujaklap, sazy dowam etdirerdi.

Saz, onda-da dutar sazy gözelligi, içki joşguny, näzik duýgulary, tebigaty wasp edýär. Tebigatda bolsa näçe diýseň ylham bar. Kim dagyň üstüne çykyp, kert-kert ýylçyr daglary, daşlary ýaryp çykan ösümlikleri, çeşmeleri synlamagy halasa, kim çöle çykyp aýagyny çägä çümdürip, çöl ösümliklerini, haýwanlaryny synlamagy halaýar. Çölüň asudalygyndan lezzet alýar. Ine, şuňa meňzeş ýagdaýlar sazandanyň saz çalyş usulynda-da duýulýar.

Başda-da belleýşimiz ýaly, men dutar çalmagy agam Nurmyratdan öwrendim. Ol hem Jepbar Hansähediň saz çalyş hörpünde çalýardy. Men hem agamdan täsirlenip, Jepbaryň ugrundan çalmagy gowy gördüm. Dogrusy, ol wagtlar sazandanyň saz çalyş ussatlygyna doly göz ýetirip bilmeýärdim. Ýöne ýadymda galan zat, Jepbar Hansähet saz çalanda dutar owazlanyp ýaňlanýardy. Göräýmäge arkaýyn oturan ýaly bolsa-da, örän hüşgärlik bilen owazy yzarlap çalardy. Käte-de dutaryň kädisi bilen sapynyň birleşýän ýerine – kädiniň aşak tarapyna

kakuw kakýan eliniň aýasyny goýup saklardy, gerek owazyny alyp, sazyny dowam etdirerdi.

Ýeri gelende aýtsak, agam Nurmyrat goşgy hem goşýardy. Bagşy-sazandalara bagyşlap ýazanlary hem bardy. «Jepbar» goşgusyny Jepbar Hansähede bagyşlap ýazdy:

Ezberlige söz saýlasam şireli,
Sözüm ýele sowrar «Baga gireli».
Baba Gammar, Aşyk Aýdyň pirleri,
Pirlerden pataly, dessurly Jepbar –

diýip başlanýan goşgusyna halk sazlaryndan täzeden işläp aýdym döretdi. Ol aýdymy Nurmyradyň özi hem aýdardy. Mäne Gara hem ol aýdymy toýlarda gowy görüp aýdardy. Bu aýdymy zehinli ýaş bagşy Şadurdy Baýjykow hem toý-baýramlarda aýdýar. Hommat Jelile bagyşlap:

Myhmana açyk gapysy,
Diňleseň hoştapdyr sesi,
Sygan bagşyň halypasy,
Hommatdyr Jeliliň ogly –

diýen setirleri öz içine alýan goşgusyny hem halk sazlaryndan täzeden işläp, aýdyma öwürdi. Ýene-de bagşylar barada: «Alty şahaň biri – Garagum şiri» diýip başlanýan «Sygan sen» aýdymyny döretdi. Goşguda alty şaha diýip – Sary bagşy, Hally bagşy, Magtymguly Garly, Girman bagşy, Sahy Jepbar, Sygan bagşy dagy göz öňünde tutulýar.

Bagşylar barada «Sahy bagşy», «Mäne bagşy» gosgularyny hem heňe saldy.

«Jepbar» goşgusynda «Dutardan ses alşy mün syrly Jepbar» diýip taryplaýan Jepbar Hansähedowyň saz çalyş usuly, dogrudan hem, üýtgeşik. Onuň dutarynyň owazy aýratyn ýakymly duýulýar. Onsoňam ol çalan sazynyň köpüsine üýtgeşiklik girizip bilýän sazandalardan. Du-

tar sazlarynyň hemmesi hem kyn welin, «Goňurbaş mukamy» sazyna Jepbaryň goşan goşandy örän täsirli. Şonda edilýän edim-gylymlar, ýagny göräýmäge boş kakuw edilýän ýaly duýulýan ýerlerde hem Jepbar orta barmagyny kirşe basman, ýüzünden sypalap bökdürip, owaz alýar. Ýa-da «Ussadym» sazynyň iň soňky gutarýan bölüminiň iň soňky nagyşlary diňe Jepbara mahsusdyr. «Şirin – şeker» sazyny başlanda Jepbaryň öz basyp başlaýan perdesi bar. Ýeke bir o ýeri hem däl, dutaryň 12,13 (hatda 14,15) perdelerindäki owazlary hem aýratyn nygtap alýar. Perdelerden elini goýberip, boş kakuw edende hem, diňe Jepbara mahsus boş kakuw beriş äheňi bar. «Baga gireli» sazyndaky owazlary dolulygyna almak ussat sazandalaryň hem köpüsine başartjak zat däl öýdýän. «Biçäre» sazyny hem Jepbar çalanda dutar üýtgeşik owaza gaplanýar. Haýsy saz bolsa bolsun (olaryň gysga, uzak çalnyşy hem bolýar), Jepbar şol sazlaryň şowhunly çalnyşyny saýlap, özüçe bezeýär. «Hajygolak», «Berkeli çokaý», «Goňurbaş mukamy» sazlarynyň gysga çalnyşyny çalsa-da, olara özboluşly öwüşgin berip, labyzly çalýar welin, beýleki uzak görnüşdäkilerden peslär ýaly däl.

Jepbar Hansähedowyň çalan sazlaryny diňläniňde, onuň ussatlyk basgançaklarynyň ýokary derejelerine ýeten halypalaryň biridigine göz ýetirýärsiň. Onuň haýsy bir çalan sazyny diňläp görseňem, aýdara zat kän, ýöne ýokarda bellänlerimiz hem, onuň tapylgysyz ussatlygyna güwa geçýär.

Türkmen sazlaryny taraşlap, inçe duýgulary bilen şu günlerimize ýetiren 4 sütün halypalaryň, ýagny Mylly aganyň, Pürli aganyň, Çary aganyň, Jepbar aganyň ýoly dowam edip gelýär.

Çalýan sazlary baradaky rowaýatlary, halypa-şägirtlik borçlary, diňleýjileriň sazlara bolan tolgundyryjy gürrüňleri barada Ýagmyr Nurgeldi, Ýolaman Nurum, Gurbannazar Nurum, Akmyrat Çary, Oraz Annanepes, Ata Ablyýew dagy halypalardan eşidenlerini gyzyklandyryp gürrüň berýärler hem saz çalýarlar, şunuň özi hem sungat.

Bir gezek Ýagmyr aga «Ýar gara gözli» sazyny çaljak bolanda: «Bir çopan toýa gelip, saz diňläp oturan. Ol sazanda garap: «Ýar gara gözliň» ýürejigime urýan ýerini gaýtalap çalyp bersene diýipdir»

diýip, ilki şol ýürejigine urýan ýerini mylaýym ýylgyryp, bölek çalyp berdi. Oturanlar hem öran jaýdar aýdylan eken diýşip gülüşdiler.

Käte halypa sazandalaryň öz ýykgyn edýän ugrundan beýleki ýoldan çalnan saza hem «Be, şu saz-a oňaryp çaldy-aýt» diýdirýänlerine hem gabat gelinýär. Mysal üçin, Çary aganyň Mary ýolundan çalan «Ýusup owgan», Ýolaman Nurumyň Mylly aganyň saz çalyş ugruna täsirlenip özüçe çalýan «Nagyş», «Ýigitlik çagy» sazlaryny agzap geçse bolar.

## NEPESMYRAT MEREDOW



Nepesmyrat Meredow 1948-nji ýylyň 16-njy aprelinde Gökdepe etrabynyň Ahal daýhan birleşiginiň Gagşal obasynda dünýä inýär. Onuň çagalyk döwri Garagumda geçýär. Gumda mekdep bolmandygy sebäpli onuň maşgalasy oba gaýdyp geleninden soň, 12 ýaşynyň içinde Gökdepe etrabynyň 16-njy orta mekdebinde (häzirki 5-nji orta mekdebinde) 2-nji synpdan okap başlaýar. N.Meredowyň saza bolan höwesi ir oýanýar. Ol entek 6–7 ýaşlarynda dutara goşup birnäçe aýdyma hiňlenip bilipdir. Gumdan oba göçüp gelenlerinden soň, Nepes mekdepde we etrapda geçirilýän baýramçylyk çärelerine gatnaşyp başlaýar. Ol mekdepde okan ýyllarynda dutara hem-de mandolina goşup aýdym aýtmagy we saz çalmagy ürç edinýär.

Onuň mekdepdäki mugallymy Myratdurdy Saparow baýramçylyk çärelerinde oňa ýekelikde we özi bilen bilelikde saz çaldyrýar ýa-da mekdep okuwçylaryndan düzülen aýdymçylara mandolinada sazandarlyk etdirýär, käte-de türkmen teleýaýlymlarynda çykyş etdirýär.

N.Meredowyň aýdym-saza bolan höwesi ony 1967-nji ýylda D.Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebine alyp gelýär. Ol ýerde Türkmenistanyň halk artisti A.Kulyýewiň ýolbaşçylygyndaky giriş synaglary üçin düzülen topar Nepese oňat bahalar goýup, ony bu sazçylyk mekdebiniň halk saz gurallary bölüminiň dutar hünärine okuwa kabul edýär.

Ol ýerde N.Meredow talapkär mugallym A.Allaberdiýewden tälim alyp başlaýar. N.Meredow bu mekdebiň 2-nji ýylynda okap ýörkä goşun gullugyna çagyrylýar. Şeýlelikde, ol 1968–1970-nji ýyllarda gulluk borjuny ýerine ýetirýär. Ol gullukdan gaýdyp gelenden soň, ýene-de okuwyny dowam etdirýär. Ýöne Nepes 2-nji ýyly tamamlandan soň, 1971-nji ýylda onuň halypasy A.Allaberdiýew biwagt aradan çykýar. Soň N.Meredow B.Gutlymyradowdan tälim alyp başlaýar we Türkmen döwlet mugallymçylyk sungat institutynda şol mugallymyň

elinde okaýar. Ol bu okuw jaýyna 1973-nji ýylda girip, ony 1978-nji ýylda tamamlaýar.

N.Meredow sungat institutyny tamamlandan soň, ony Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň şol döwürdäki Respublikan okuw-usulyýet kabinetinde, ýagny Türkmenistanyň Medeniýet we teleradioýaýlymlar ministrliginiň okuw-usulyýet merkezine işe ýollaýarlar. N.Meredow bu ýerde 10 ýyldan gowrak işländen soň, öz islegi boýunça Respublikan ýörite orta sazçylyk mekdep-internatyna mugallym bolup işe geçýär.

1992-nji ýylda N.Meredow Türkmen milli konserwatoriýasyna işe çagyrylýar. Ol bu ýokary okuw mekdebinde 2 ýyl işländen soň, ony Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky ýörite sazçylyk mekdep-internatynyň milli saz gurallary bölümine müdir edip belleýärler.

Nepesmyrat Meredow bu sazçylyk mekdep-internatynda 1980-nji ýylda dutarçylar toparyny döredýär. Şondan bäri hem şol topara ýolbaşçylyk edip gelýär. Bu topar 1986-njy we 1988-nji ýyllarda geçirilen M.Täçmyradow adyndaky ýaş sazandalaryň bäsleşikleriniň ýeňijisidir. Ol topar halk köpçüliginiň öňünde, Türkmenistanyň teleradioýaýlymlarynda häli-şindi çykyş edip gelýär. Ol toparyň dürli ýyllarda ýerine ýetiren ençeme saz eserleri Türkmenistanyň radiosynyň altyn hazynasynda saklanýar.

Ýeri gelende aýtsak, N.Meredow ýokarda agzalyp geçilen topardan başga-da Türkmenistanyň birnäçe okuw mekdeplerinde we käbir edaralarynda-da halk saz gurallaryndan düzülen toparlary döretmegi başardy. Olardan mysal edip, 1982, 1984, 1986-njy ýyllarda Türkmen döwlet Halk hojalyk institutynda döredilen Türkmen milli saz gurallary toparyny, 1986–1993-nji ýyllarda welaýat we döwlet möçberinde geçirilen bäsleşiklerde birleşen dutarçylar toparlaryny, 1988–1990-njy ýyllarda Aşgabat şäherindäki körler we çala görýän çagalaryň ýöriteleşdirilen mekdep-internatynyň çagalaryndan düzülen dutarçylar toparlaryny, 2001–2002-nji ýyllarda Türkmen-türk bankynyň işgärlerinden düzülen aýdym-saz toparyny agzap geçse bolar. Hatda 1986-njy ýylyň 16-njy maýynda ussat halypamyz M.Täçmyradowyň doglan gününiň 100 ýyllygy mynasybetli geçirilen 100-den gowrak

sazandalardan düzülen halk saz gurallary toparyna hem N.Meredow ýolbasçylyk edipdi.

N.Meredow Türkmen milli konserwatoriýasynda we onuň ýanyndaky ýörite sazçylyk mekdep-internatynda birnäçe şägirtleri ýetişdirdi. Olaryň köpüsi öz ugurlaryndan ýokary bilim alyp, ýurdumyzyň sazçylyk, sungat okuw mekdeplerinde we beýleki medeniýet ojaklarynda zähmet çekýärler. Olaryň käbirleri bolsa ýörite sazçylyk mekdep-internatyny tamamlap, öz ugurlaryndan bilimlerini ýokarlandyrmak üçin Türkmen milli konserwatoriýasynda hem-de Türkmen döwlet medeniýet institutynda bilim alýarlar.

Geliň, şu ýerde N.Meredowyň dürli ýyllardaTürkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky ýörite sazçylyk mekdep-internatynda tälim beren okuwçylarynyň käbirlerini belläp geçeliň. Olardan Döwran Rejepow Türkmen milli konserwatoriýasyny tamamlap, 1986–1988-nji ýyllarda Orta Aziýa we Gazagystan resbuplikasynyň ýörite sazçylyk mekdepleriniň arasynda geçirilen bäsleşigiň, Döwran Täçmämmedow bolsa 1991-nji ýylda Duşenbe şäherinde geçirilen şol bäsleşigiň, Durdy Nökerow we Aman Kadyrow bolsa «Ýaňlan, diýarym» telebäsleşiginiň ýeňijileridir.

N.Meredow okuw-usulyýet merkezinde işlän döwri Türkmenistanyň sazçylyk ulgamynyň ösmegine uly goşant goşan ussat halypalaryň biri. Şol ýyllarda Türkmenistanyň sazçylyk okuw mekdeplerinde okatmak üçin öz ugurlaryndan orta we ýokary bilimli mugallymlar ýetmezçilik edýärdi. Onuň üstesine-de okuw gollanmalar ýok diýen ýalydy. Şonuň üçinem N.Meredow okuw-usulyýet merkezine işe baran gününden başlap, turuwbaşdan şol meseleleriň çözgüdini tapmak bilen bolýar. Haýsy sazçylyk okuw jaýynda dutar, gyjak hünärinden okadylýan bolsa, olara kömek üçin halk aýdym-sazlaryny we mukamçy kompozitorlar tarapyndan döredilen sazlary nota ýazgysyna geçirip, köpeldip, şol okuw jaýlaryna iberip durýar. Olaryň mugallymlary üçin bolsa welaýat merkezlerinde we Aşgabatda seminar-maslahatlary, kämilleşdiriş okuwlaryny geçirip, olara halk aýdym-sazlaryny, mukamçy kompozitorlar tarapyndan döredilen saz eserlerini dutara, gyjaga täzeden işläp geçirmegi öwredip, yzygiderli okuwlary geçi-

rip durýar hem-de şol ýyllarda sazçylyk we sungat okuw jaýlarynyň arasynda bäsleşikleri, olimpiadalary geçirmek ýola goýulýar. Ol bäsleşiklere bolsa dutarçylary, gyjakçylary diňe ýekelikde gatnaşdyrman, toparlaýyn gatnaşdyrylyp başlanylýar. Bu bolsa ýurdumyzda milli saz sungatymyzy ösdürmäge has uly täsir edýär.

Şeýlelikde, onuň dürli ýyllarda nota ýazgysyna geçiren türkmen halk sazlary, mukamçy kompozitorlaryň döreden sazlary, sazçylyk okuw mekdepleri üçin ýazylan gollanmalary, maksatnamalary özbaşdak kitap bolup çapdan çykarylýar. Olar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

Türkmen halk sazlary. – Aşgabat: «Magaryf», 1988 ý.

Saýra, dutar. – Aşgabat: «Magaryf», 1988 ý.

Körpe dutarçynyň hrestomatiýasy. –Aşgabat: Medeniýet ministrliginiň okuw-metodiki kabineti, 1992 ý.

Dutarçylaryň hrestomatiýasy – Aşgabat: «Magaryf», 1992 ý.

Dutar üçin türkmen halk sazlarynyň antologiýasy (1-nji goýberiliş). – Aşgabat: Medeniýet ministrliginiň okuw-usulyýet merkezi, 1993 ý. (Birnäçe awtorlar bilen bilelikde.)

Dutarçy Ö.Gandymow. – Aşgabat: Medeniýet ministrliginiň okuw-usulyýet merkezi, 1991ý. (W.Larionow bilen bilelikde.)

Türkmen saz gurallary we sazandalary Çagalar sazçylyk we sungat mekdepleri üçin maksatnama, 1992 ý.

Dutarçynyň hrestomatiýasy: Mukamçy kompozitorlaryň sazlary. – «Altyn guşak» firmasy, 1997 ý.

Bulardan başga-da çagalar sazçylyk we sungat mekdeplerinde türkmen halk aýdym-sazlaryny öwrenmek boýunça okuw maksatnamasynyň we özüniň işläp ýören ýörite sazçylyk mekdep-internatynyň dutar hünäri üçin düzülen okuw maksatnamasynyň, Türkmenistanyň çagalar sazçylyk we sungat mekdepleriniň dutar hünäri üçin okuw maksatnamasynyň hem awtorydyr.

Ol saz sungaty boýunça ýazylan birnäçe kitaplaryň we gollanmalaryň hem redaktorydyr.

N.Meredow çagalygyndan ýurdumyzyň dürli künjeklerinde we teleradioýaýlymlarynda yzygiderli çykyş edip gelýär. Ol diňe öz ýurdumyzyň çäginde däl, ýurdumyzdan uzaklarda geçirilýän konsert-

4. Sargyt № 2576

lere, ylmy maslahatlara, festiwallara gatnaşdy. Kä saparlarda bolsa geçirilýän çärelere okuwçylary bilen bilelikde gatnaşyp, daşary ýurt halklaryna türkmen saz sungatyny wagyz etdi. Olardan birnäçesini mysal hökmünde agzap geçeliň. 1972-nji ýylda Türkmen döwlet filarmoniýasynyň P.Saryýew adyndaky Türkmen halk saz gurallary orkestri bilen 3 aýyň dowamynda Russiýanyň we Ukrainanyň 40-dan gowrak şäherlerinde çykyş etdi. 1978-nji ýylda Gyrgyzystanyň Bişkek şäherinde, 1982–1986-njy ýyllarda Rigada, Ýurmalada, 1989--njy ýylda Bakuda, Moskwada, 1991-nji ýylda Almatyda ylmy maslahatlarda çykyş etdi.

1984-nji ýylda türkmen saz medeniýeti bilen gagauz saz medeniýetini deňeşdirmek üçin Türkmen döwlet mugallymçylyk sungat institutynyň halk döredijilik bölüminiň işgärleri bilen bilelikde Moldowada saparda bolýar we birnäçe gymmatly maglumatlary toplaýar.

1991-nji ýylda Duşanbe şäherinde Orta Aziýa we Gazagystan respublikalarynyň ýörite sazçylyk mekdepleriniň arasynda geçirilen bäsleşige emin agzasy bolup gatnaşýar.

1989-njy ýylda 3-nji Bütinsoýuz festiwalynyň çäginde Dagly Garabagda «Hary Býul-Býul» ady bilen geçirilen festiwalda, 1990-njy ýylda Almaty şäherinde geçirilen akynlaryň 3-nji festiwalynda baýrakly ýerlere mynasyp bolýar.

1989-njy ýylda «Biz hemme zady başarýarys» ady bilen Moskwa şäherinde geçirilen bäsleşik festiwalyna N.Meredowyň ýolbaşçylyk etmeginde Aşgabat şäherindaki körler we çala görýän çagalaryň ýöriteleşdirilen mekdep-internatynyň okuwçylary gatnaşyp, SSSR-iň düzümine girýän respublikalaryň arasynda ikinji ýere mynasyp bolýar.

N.Meredow barada gürrüň edilende aýratyn bellemeli zatlaryň biri hem, ol daşary ýurtlarda saparda bolup çykyş edende, diňe türkmen sazlaryny ussatlyk bilen ýerine ýetirmek bilen çäklenmän, öz çalýan sazlarynyň nota ýazgysyny şol halklaryň sazandalaryna ýazyp berip, olaryň türkmen saz sungatyna has-da içgin aralaşmaklaryna ýardam edip bilýänligidir.

N.Meredow 1990-njy ýyllaryň ahyrlarynda, has takygy 1996 – 1997-nji ýyllardan başlap, saz eserlerini döredip başlaýar. Ol häzirki

güne çenli ululy-kiçili 10-dan gowrak saz eserleriniň awtorydyr. Olardan türkmen halk saz gurallary toparlary üçin döredilen «Nesil daragty» – 3 bölek, «Söýgi daragty» – 3 bölek, «Peder nagmalary» – 3 bölek, «Ýaşlyk nagmasy» – 3 bölek, «Küştdepdi äheňleri», dutar we gyjak üçin «Döwrandyr», «Jigerim» sazlary, gyzlar hory üçin «Joşup läle kakalyň» we «Läläm», «Melegiň bilen» diýen aýdymlardyr.

1997-nji ýylyň aýaklaryndan başlap, N.Meredow şygryýet älemine hem aralaşýar. Ol ululy-kiçili goşgularyň awtorydyr.

Sözümizi jemläp aýtsak, N.Meredow türkmen halk aýdym-sazlaryny nota ýazgysyna geçiriji ussat mugallymdyr.

Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi tarapyndan dürli ýyllarda birnäçe Hormat hatlary, 1991-nji ýylda SSSR Medeniýet ministrligi tarapyndan «Medeniýet işgärleriniň otliçnigi» diýen nyşan bilen sylaglanýar.

2010-njy ýylda oňa «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen hormatly at dakyldy.

## GURBANMUHAMMET ŞEPAÝEW



Gurbanmuhammet Şepaýew 1954-nji ýylyň 7-nji awgustynda Aşgabat şäherinde dünýä inýär. Gurbanmuhammet dutaryň ilkinji tilsimlerini öz kakasy Durdy agadan öwrenýär. Onuň kakasy märeke güýmäp bilýän sazanda bolmasa-da, özi üçin saz çalýan eken. Gurbanmuhammetler belli sazanda Ýolaman Nurymowlar bilen goňşy oturypdyrlar. Ussat halypa Ý.Nurymowdan Gurbanmuhammet türkmen halk sazlarynyň ençemesini öwrenip, özüniň ussatlygyny artdyrýar, repertuaryny baýlaşdyrýar. Gurbanmuhammet Türkmenistanyň at gazanan artisti Ata Täçmämmedowdan, Türkmenistanyň halk artistleri Ýagmyr Nurgeldiýewden, Akmyrat Çaryýewden asyrlar boýy dowam edip gelýän türkmen halk sazlarymyzy, mukamlarymyzy öwrenýär, özüniň ýerine ýetirijilik sungatyny yzygiderli sünnälemek bilen, döwrümiziň ussat dutarçysy bolup ýetişýär. Gurbanmuhammet döwletimiziň ähli künjeginde, daşary ýurtlarda, ýagny Samarkantda, Hytaýda, türkmen aýdym-saz toparlarynyň sungat ussatlarynyň arasynda çykyş edip, türkmen milli aýdym-saz sungatymyzy dünýä ýaýmakda-da uly işler etdi. Ol halk arasynda diňe bir ussat dutarçy hökmünde tanalman, eýsem «bagşy kowmak», ýagny bagşa sazandarlyk etmek sungatynda hem öz ussatlygy bilen tanalýar.

Gurbanmuhammet Şepaýew halkymyzyň arasynda halypa bagşy hökmünde tanalýan Türkmenistanyň halk artistleri Hommat Jelilowa, Mäne Garaýewe, Nurýagdy Baýramowa, Oraznepes Döwletnazarowa, Şemşat Hojaýewa, Bibi Welmyradowa, bagşylar Oraz Begnyýazowa, Baýram Ylýasowa we başgalara sazandarlyk etdi.

Gurbanmuhammet Şepaýew 2009-njy ýylda Türkmenistanyň Prezidentiniň yglan eden «Türkmeniň Altyn asyry» bäsleşiginiň ýeňijisi boldy. Türkmen milli saz sungatyny ösdürmekde bitiren netijeli işlerini göz öňünde tutup, Gurbanmuhammet Şepaýewe «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen hormatly at dakyldy.

Ol häzirki wagtda Türkmenistanyň Nebitgaz işewürlik merkeziniň «Halk saz gurallary» ansamblynyň dutarçysy.

## DURDYGULY ANNAÝEW



Durdyguly Annaýew 1955-nji ýylyň 22-nji maýynda Balkan welaýatynyň Gyzylarbat (häzirki Serdar) etrabynda dünýä inýär.

Ol 1962-nji ýylda Serdar etrabyndaky 1-nji orta mekdebiň 1-nji synpyna, 1967-nji ýylda çagalar sazçylyk mekdebine dutar hünäri boýunça okuwa girýär. Sazçylyk mekdebinde Durdygula dutar hünärinden Annamuhammet Annaorazow halypalyk edýär. Ol 1972-nji ýylda orta mekdebi, sazçylyk mekdebini üstünlikli tamamlap, Aşgabat şäherindäki Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebine okuwa girýär. Durdyguly Annaýew 1973-nji ýylda 1-nji ýyly tamamlanyndan soňra, Watan öňündäki gulluk borjuny ýerine ýetirýär. 1975-nji ýylda harby gullukdan gelýär hem sazçylyk mekdebinde okuwyny dowam etdirýär. Durdyguly bu ýerde Türkmenistanyň halk artisti, dosent Begmyrat Gutlymyradowdan tälim alýar. Saz jemgyýetçiliginde Ata mugallym ady bilen meşhur bolan Begmyrat halypa öz agasy Pürli Sary ýaly dutara-da, gyjaga-da deň derejede erk ederdi, saz eserini nota geçirmekde taýsyz hünärmen hökmünde giňden ykrar edilipdi. Durdyguly bu uly ussatdan sazyň inçe syrlaryny irginsizlik bilen öwrenýär, nota ugrundan sapak alýar. Ol 1978-nji ýylda Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebini üstünlikli tamamlap, şol ýyl hem Aşgabat şäherindäki Türkmen döwlet ýörite mugallymçylyk sungat institutyna okuwa girýär. Okuwynyň daşyndan Çagalar ýetginjekler köşgünde dutarçylar hem-de bagşylar ansamblyna ýolbaşçylyk edýär. Institutda Durdyguly dutarçy Aşyr Esenowdan dutar hünäri boýunça, Türkmenistanyň halk artisti, professor Ýolaman Nurymowdan dutar hünärinden tälim alýar.

Durdyguly Annaýew Çagalar ýetginjekler köşgünde ansambla ýolbaşçylyk eden döwründe ansamblyň dutarçylar topary 1982–1984-nji ýyllarda doganlyk döwletlerde, şeýle hem Moskwa säheriniň Merkezi telewideniýesinde üstünlikli çykyş edýärler. Şol çagalaryň

arasynda, ýyllaryň geçmegi bilen «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen hormatly ada mynasyp bolan Şemşat Hojaýewa hem bardy.

Durdyguly Annaýew 1984-nji ýyldan bäri Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen dowlet ýörite sazçylyk mekdebinde dutar hem-de bagşyçylyk hünärinden sapak berýär. Şonuň bilen birlikde ol talyplar we mugallymlar dutarçylar ansamblyna-da ýolbaşçylyk edýär. Ol bu talyplar we mugallymlar dutarçylar topary bilen Türkmen telewideniýesiniň «Türkmen owazy» ýaýlymynda yzygiderli çykyş edýär. Bu halypanyň ýolbaşçylyk edýän talyplardan düzülen dutarçylar topary 2005-nji ýylda Türkmenistanyň Medeniýet we teleradioýaýlymlar ministrliginiň Hormat haty bilen sylaglanýar.

Halypalyga ýetişen Durdyguly Annaýew öz manyly ömrüniň aglaba bölegini ýaşlara aýdym-sazy öwretmäge bagyş eden adam, onuň şägirtleri barmak basyp sanardan kän. Durdyguly Annaýew Aşgabat şäherindäki «Demir ýol» klubunyň çagalar dutarçylar ansamblyna ýolbaşçylyk eden döwründe häzirki döwrümiziň tanymal bagşy-sazandalary Türkmenistanyň halk artisti Şemşat Hojaýewa, Türkmenistanyň at gazanan artistleri Gülmerjen Gulowa, Öwez Orazmuhammedowa, dutarçylar Gunça Gandymowa, Döwran Rejebowa, Kakamyrat Çaryýewe, Orazgeldi Ylýasowa (meşhur bagşynyň ady dakylan), Çary Işangulyýewe, şeýle hem Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebinde işlän döwründe döwrümiziň belli dutarçysy Aşyr Hojaýewe tälim berdi. 2010-njy ýylda Durdyguly Annaýew hormatly Prezidentimiziň yglan eden «Türkmeniň Altyn asyry» bäsleşiginiň ýeňijisi boldy we «Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri» diýen hormatly ada eýe boldy.

2010-njy ýylda Durdyguly Annaýew «Ansambl» dersi boýunça ýörite sazçylyk we sungat mekdepleriniň milli saz gurallary bölümleri üçin okuw maksatnamasyny ýazdy. Ol birnäçe aýdymlaryň hem awtorydyr. Olardan: Döwlet Gurbangeldiýewiň sözlerine «Saýra, bagşy», Hudaýguly Gurbanowyň sözlerine «Beýik Galkynyş zamanasynda», Allaýar Çüriýewiň sözlerine «Dünýä türkmenleriniň Mukaddes aýdymy», Annagözel Ýagşyýewanyň sözlerine «Toý bu

gün», Hudaýguly Gurbanowyň sözlerine «Adyl Prezidentim», Dürnabat Aşyrowanyň sözlerine «Täze ýyl arzuwy», Bäşim Gutlymyradowyň sözlerine «Türkmenistan» ýaly aýdymlary mysal getirmek bolar.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri Durdyguly Annaýew Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky D.Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebinde öz halypalaryndan öwrenen dutar we bagşyçylyk sungatyna mahsus bolan sungatyň inçe syrlaryny öz şägirtlerine öwredýär.

## MUHAMMETDURDY MUHAMMETNYÝAZOW



Sungatyň dürli ugurlarynda bolşy ýaly, aýdym-saz äleminde öçmejek yz galdyran halypalardan-da nyşan galýar. Olaryň döreden aýdym-sazlary il-güne ruhy lezzet berýär.

Ussadyndan tälim alan şägirt wagtyň geçmegi bilen özi kämillige gol berýär. Şeýle şägirtleriň birine-de Muhammetdurdy Muhammetnyýazow diýýärler. Ol 1955-nji ýylyň 21-nji noýabrynda Aşgabat şäherinde dünýä inýär. Häzir ol Türkmen milli konserwatoriýasynyň uly mugallymy. Muhammetdurdy türkmeniň gyjaga «dil bitiren» belli gyjakçysy Oraz Saryýewiň şägirdi. Muhammetdurdy gyjagy ömrüniň manysy, il-gününiň öňündäki ogullyk borjuny ýerine ýetirmegiň serişdesi hasaplaýar. Ol ýaşlykda öz ugrundan sazçylyk mekdebinde okan döwründe-de halypa gyjakçy Oraz Saryýewiň ýazgylaryny kän diňlärdi, onuň çalşyny ýürekden gowy görerdi, şoňa meňzäp çalmaga ýykgyn ederdi. Oraz Saryýewiň ýazgylaryndan öwrenen sazlaryny bolsa, sapak wagtynda mugallymy Begmyrat Gutlymyradowa çalyp görkezerdi. Elbetde, öwrenmekde kem-käs ýerleri bolardy, emma olary düzetmäge mugallymy ýakyndan kömek berýärdi. Ol halypa gyjakçy Oraz Saryýewiň sazlaryny onuň özünden öwrenmegi ýüregine düwýär. «Yhlasa – myrat» diýlişi ýaly, halypa gyjakçy Muhametdurdyny şägirtlige kabul edýär.

Sazçylyk mekdebini üstünlikli tamamlan ýyly ol şol wagtky Türkmen döwlet mugallymçylyk sungat institutyna gyjak hünäri boýunça okuwa girýär. Ol bu ýerde halypa gyjakçy, Türkmenistanyň halk artisti Annageldi Jülgäýewden tälim alýar. Muhammetdurdy institutyny tamamlandan soň, ony şol okuw mekdebiniň «Halk saz gurallary» bölüminde işe alyp galýarlar. Ine, bular bolsa Annageldi Jülgäýewiň öz şägirdi hakynda aýdanlary:

– Muhammetdurdy ýaş gyjakçylaryň içinde saýlanyp, ussatlyga ýetişdi. Ussatlyk üçin bolsa, ilki bilen, eli ýitilik, diňläp alyp bilijilik gerek. Käbir sazandalaryň kakýan eli güýçli, ýitije-de, basýan

eli gowşak. Başga birleri bolsa basýan eli güýçli bolup, kakýan eli gowşak, Muhammetdurdy ýaly ikisini-de deň basýan sazanda «Hudaý beren» diýýärler. Onuňam esasy sebäbi onuň ýerine ýetirijilik ussatlygy Oraz Sarynyň çalan «Batyr Karowyny», Pürli Sarynyň gyjakda çalan «Bibisini» we ş. m. sazlary ýokary derejede çalyp bilýänligidir. Aýdaly, dutar sazynda «Burnaşak» ýerine ýetirmesi kyn saz, edil şonuň ýaly «Batyr Karow» hem gyjak sazlarynyň iň kyny hasaplanýar. Muhammetdurdy «Batyr Karowdan» başga-da, «Kyrklardyr» mukam sazlaryny ussatlyk bilen ýerine ýetirmegi başarýan gyjakçydyr.

Muhammetdurdynyň ýene bir artyk tarapy, ol bolsa nusgawy sazlary nota bilen ýerine ýetirijiligidir. Bu ugurda Oraz Sarynyň ýa-da Annageldi Jülgäniň ýoluna meňzemeli diýen zat ýok. Diňe ýazylan zady ussatlyk bilen ýerine ýetirmegi başarmaly. Nusgawy sazlary çalmak üçin iki eliň hem gaty türgen bolmaly, gyjagyň sapyndaky owaz mukamlaryndan baş çykarmaly, munuň üçin bolsa, dürli-dürli görnüşleri gaty köp çalmaly. Türkmen hem-de doganlyk halklaryň kompozitorlarynyň köp saz eserlerini ussatlyk bilen ýerine ýetirýän Muhammetdurdy bagşa sazandarlyk etmegi-de ökdelik bilen başarýar. Ol bagşy kowanda, ýeke bir Oraz Saryýewiň däl, bagşy kowmaga ussat gyjakçylar Ata Ablyýewiň, Saparguly Işangulyýewiň, Çary Gurbanowyň, Çary Alladurdyýewiň saz öwrümlerini, tilsimlerini hem ulanýar.

Muhammetdurdy halypasy Oraz Saryýewiň ýoluny dowam edýär. Ondan tamam uly.

Halypa bagşy, Türkmenistanyň halk bagşysy Ödenyýaz Nobatow gyjakçy sazanda hakynda şeýle diýýär: – Muhammetdurdynyň gyjak çalşyna maýyl bolýan. Onuň gyjagyndan çykýan ses, owaz meniň gözleýän, küýsegli owazlarymdyr.

Sazanda Muhammetdurdy Muhammetnyýazowa köptaraplaýyn ýiti zehin berlipdir. Şeýle zehinleriň aňyrsynda, köplenç, belli bagşy ýa-da sazanda bolýar. Iň bolmanda dogan-garyndaşlarynda, ilen-çalanynda aýdym-sazdan başy çykýan adamlar bolýar. Muhammetdurdynyň kakasy Pälwan aga aýdym aýdyp, dutar hem çalar eken. Pälwan aga ussat halypa, Türkmenistanyň halk artisti Çary Täçmämmedow bilen goňşy oturyp, onuň bilen dostlukly gatnaşykda bolupdyr. Olar

bir-birleriniň öýünde oturşyp, arasynda toý-tomga gidibem aýdym-saz eden wagtlary-da bolupdyr. Pälwan aga bilen Çary aganyň dostlukly gatnaşygy, olaryň çagalaryna-da täsirini ýetirýär. Şonda Muhammetdurdy bilen Çary aganyň ogly Ata-da ymykly dostlaşýarlar.

1995-nji ýylyň awgust aýydy. Türkiýede geçen Bütindünýä folklor festiwalyna gatnaşdyk. Festiwal Gara deňziň ýakasynda ýerleşen Çorum diýen ýerde geçdi. Biz myhmanhanada bile bolardyk. Edil şu günki ýaly ýadymda, ikimizem çykyşlardan soň myhmanhana ýadap gelipdik. Men birazrak aýagymy ýazaýyn, dynç alaýyn diýip ýerime geçip gyşardym. Muhammetdurdy hem birden dutary alyp, güýmenip başlady. Dutaryň mylaýym, ýakymly owazyna meýmiräp irkilenimi bilmän galypdyryn. Birhaýukdan soň, oýansam Muhammetdurdy şol dutar bilen berbaşagaý bolup otyr. Özem töweregi bilen däl. Şol bir sazy gaýta-gaýta çalýar. Käbir ýerlerini bolsa şol hetjikläp otyr. Arasynda sazy boýdan-başa dolulygyna-da çalýar. Menem sesimi çykarman diňläp otyryn. Ýöne indi ol sazyň owazy, başdaky ýaly däldi, ýaňlanyşy-da düýpgöter başgady, gulaga, ýürege ýakymlydy. Kimdir birine bagyşlap döredileni bildirip durdy. Men durup bilmän, şol sazy gaýtadan çalyp bermegini haýyş etdim. Özümem:

– Göwnüme bolmasa, sen bu sazy kimdir birine bagyşlap döreden ýaly-la! – diýdim.

Ol jogap ýerine şol sazy ýene bir gezek diňläp görmegimi haýyş etdi. Sazyň käbir ýerinde, esasan hem, kakuwlarynda ussat dutarçy Ata Täçmämmedowyň çalşyna mahsus täsinje öwrümler bardy. Men täze sazyň Ata Täçmämmedowyň ýagty ýadygärligine bagyşlanyp döredilendigini aňdym. Bu täze sazy «gaýmagy gyrylmanka» nota ýazgysyna geçirdim. Ol saza «Dost sarpasy» diýip at dakyldy. Bu ajaýyp sazy ilkinji nobatda ýerine ýetirip, radionyň altyn hazynasyna ýazga berdim.

1996-njy ýylda M. Muhammetnyýazowa «Watana bolan söýgüsi üçin» medaly berildi. Ol 2007-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» bäsleşiginiň ýeňijisi bolýar. 2009-njy ýylda Muhammetdurdy Muhammetnyýazowa milli aýdym-saz sungatyny ösdürmekde bitiren hyzmatlary üçin «Türkmenistanyň sun-

gatda at gazanan işgäri» diýen hormatly at dakyldy. 2011-nji ýylda Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygyna ýubileý medaly bilen sylaglanýar.

Indi Muhammetdurdynyň bagşy kowmak ussatlygy barada aýtsam, ol ýaş wagtlary türkmen halk aýdymlarynyň köpüsini ilik-düwme öwrenip, olary estrada görnüşinde toýlarda aýdyp, halka hezil beren sazanda. Türkmenistanyň halk artistleri Dörtguly Durdyýew, Mäne Garaýew, Nurýagdy Baýramow, Hommat Jelilow, Oraznepes Döwletnazarow, Şemşat Hojaýewa dagylara sazandarlyk etdi. Welaýatlardan gelýän bagşylar öz ýanlarynda Muhammetdurdynyň sazandarlyk edenini kem görenoklar. Gowy tarapy onuň nota sowady ýetik bolup, dört kirişli gyjakda daşary ýurt nusgawy sazlary, doganlyk halklarynyň eserlerini ýokary ussatlyk derejesinde ýaňlandyrdy. Ol özüni mukamçy-kompozitor hökmünde-de tanatdy. Muhammetdurdy Garaşsyzlygymyzy, baky Bitaraplygymyzy wasp edýän aýdym-sazlary döretdi.

2014-nji ýylda akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 290 ýyllygy mynasybetli Germaniýanyň Kýoln şäherinde geçirilen dabaraly çärelere gatnaşyp, ol ýerde beýleki sungat ussatlarymyz bilen bilelikde çykyş etdi.

Ussat sazanda Muhammetdurdy Muhammetnyýazow milli aýdym-saz sungatymyzy dünýä ýaýmakda ukybyny gaýgyranok. Onuň gyjagynyň owazy Moskwada, Almatyda, Pakistanda, Eýranda, Türkiýede, Maltada, Müsürde, Daniýada, Hindistanda, Finlýandiýada, Germaniýada, Wýetnamda, Ýaponiýada, Ukrainada, Bolgariýada, Russiýada, Çehiýada, Owganystanda, Yrakda ýaňlandy.

2014-nji ýylda M. Muhammetnyýazow «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly ada mynasyp boldy.

## DURDYMYRAT GAZAKOW



Durdymyrat Gazakow 1955-nji ýylyň 17-nji dekabrynda Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Babarap obasynda dünýä inýär. Onuň kakasy Gazak aga dutardan hem-de türkmeniň bagşyçylyk sungatyndan, şeýle hem ussaçylykdan başy çykýan öran ýiti zehinli adam bolupdyr. Ol çopançylyk bilen hem meşgul bolýar.

Durdymyrat oglanlykdan aýdym-saza imrinip, dutar çalmagy öwrenipdir, ony elinden düşürmändir. Onuň ilkinji halypasy öz kakasy bolýar. Mekdep ýyllarynda Durdymyrada saz mugallymy Annadurdy Artykmyradow halypalyk edip, oňa «Goňurbaş mukamy», «Gülhanym», «Amman-amman» ýaly sazlary öwredýär. Mekdepde geçirilýän medeni-köpçülik çärelerinde Durdymyrat yzygiderli çykyş edýär. Şeýlelikde, dutar onuň mukamdan doly dünýäsine öwrülýär.

Durdymyrat sekiz ýyllyk mekdebi tamamlandan soňra, 1971-nji ýylda Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebine girip, Türkmenistanyň halk artisti Akmyrat Çaryýewden dutar hünäri boýunça tälim alýar. Akmyrat halypa oňa mukamlaryň inçe tilsimlerini ýadawsyz owredýär. Durdymyradyň çalmagynda «Ýow bagşy», «Sataşdym», «Wagtydyr», «Ol daglaryň», «Öltürer» ýaly sazlar yzly-yzyna sepleşýär. Şägirt özüniň ýiti zehini, ezberligi bilen halypanyň göwnünden turýar. Ýörite sazçylyk mekdebinde okan ýyllary Durdymyrat Türkmenistanyň halk artistleri Ata Ablyýewden, Ýagmyr Nurgeldiýewden, Ýolaman Nurymowdan hem köp zatlary öwrenýär. Soňra Durdymyrat harby gullukda bolanda-da, gullukdaşlary onuň gazma dutaryndan lezzet alýarlar.

1978-nji ýylda Türkmen telewideniýesiniň we radiosynyň Çary Täçmämmedow adyndaky halk saz gurallary ansamblynyň ýolbaşçysy Akmyrat Çaryýew Durdymyrady ansambla işe çagyrýar. Durdymyrat bu çagyryşy höwes bilen kabul edýär. Ol şol ýerde Oraz Saryýew, Ata Ablyýew, Mäne Garaýew, Garýagdy Alyýew, Saparguly Işangulyýew,

Nurýagdy Baýramow, Oraznepes Döwletnazarow, Bibi Welmyradowa, Hojaguly Diwanaýew, Oraz Begnyýazow, Baýram Ylýasow, Hangeldi Annamyradow, Çary Alladurdyýew, Ýolaman Nurymow, Alladurdy Çaryýarow ýaly ussat halypa bagşy-sazandalar bilen bile işleýär. Bu bolsa onuň ýerine ýetirijilik ussatlygynyň kämilleşmegine ýardam edýär. Ol halypalaryndan halk sazlaryny, mukamçy kompozitorlarymyzyň eserlerini, bagşy kowmagyň tärlerini irginsiz öwrenýär. Ansamblyň bagşylaryna, şeýle hem welaýatlardan gelýän bagşylara sazandarlyk edýär.

Geçen asyryň ahyrlarynda Durdymyrat Gökdepe etrabynyň Mylly Täçmyradow adyndaky sazçylyk mekdebiniň obalaryndaky şahamçasynda dutar mugallymy bolup işleýär. Ýaş oglanjyklardan we gyzjagazlardan ybarat bolan halk saz gurallary toparyny döredýär. Obada işlese-de, ol özüniň halypasy Akmyrat Çaryýew bilen ýakyn aragatnaşyk saklaýar. Onuň bilen bilelikde, şeýle hem ýekelikde telewideniýede we radioda çykyş edýär.

2009-njy ýylda milli saz sungatymyzyň öňünde bitiren hyzmatlary üçin oňa «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen hormatly at dakylýar.

Türkmenistanyň halk artisti, Magtymguly adyndaky halkara baýragynyň eýesi Akmyrat Çaryýew öz mynasyp şägirdi Durdymyrat Gazakow barada şeýle gürrüň berýär:

– Durdymyrat meniň eý görýän hakyky şägirdimiň biri. Ol sazy öwrenmäge ýüregi bilen ýapyşýar, arassa, asyl nusgada çalýar. Onuň dutardan owaz alşyna, kakuwyna, perde basyşyna göwnüm ýetýär. Sazyň öwrüm basyşlarynda büdremeýär. Täze sazy uzaklaşdyrman özleşdirýär, ol her bir sazy özüniň tebigy duýgurlygy bilen syzýar. Öňünden bir gezek geçseň bolýar, ýüregine ýazylan ýaly, sebäbi onuň ýatkeşligi güýçli. Tüweleme, indi Durdymyrat ökde dutarçylaryň hatarynda. Hormatly Prezidentimiziň oňa «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen hormatly ady dakandygyna biçak begenýärin. Munuň üçin döwlet Baştutanymyza alkyş aýdýaryn. Şägirdimiň abraýly sylagy almagyny halypa hökmünde meniň zähmetimiň ýerine düşdügi hasaplaýaryn. Durdymyradyň gowy sazanda bolşy ýaly, onda adamkärçilik sypatlarynyň

artykmaçlyklary hem jemlenen. Ol hakyky türkmen ýigidi, edebiň nusgasy. Şägirtden tamam uly. Sünnäläp çalýan sazlary bilen halypasyny, öz diňleýjilerini ýene-de begendirer diýip umyt edýärin.

Türkmenistanyň at gazanan artisti Durdymyrat Gazakowyň şägirtleri hem az däl.

Onuň ilkinji şägirtleriniň biri, aramyzdan bimahal giden Baýrammyrat Söýünhanow geljegine uly umyt baglanýan sazandalardandy. Annageldi Orazow, Saparmyrat Yşadow, Ýazberdi Hydyrow dagy ussat dutarçy Durdymyrat Gazakowyň zehinli şägirtleri bolup, olar öz halypalarynyň inçe sungatyny mynasyp dowam etdirýärler.

Durdymyrat gazma dutarymyzy ülkämizden alyslarda-da tanatdy. Onuň ýerine ýetirmeginde ajaýyp türkmen sazlary Özbegistanda, Gazagystanda, Russiýada, Fransiýada, Şwesiýada belentden-belent ýaňlandy.

## NURGELDI GURBANBERDIÝEW



Nurgeldi Gurbanberdiýew 1958-nji ýylyň 14-nji oktýabrynda Aşgabat şäherinde dünýä inýär. Ol Aşgabat şäheriniň 8-nji orta mekdebinde okaýar hem-de mekdebi 1976-njy ýylda tamamlaýar.

Nurgeldiniň babasy Öde bagşy geçen asyryň başlarynda Ahal sebitinde bagşyçylyk edipdir. Nurgeldiniň kakasy Gurbanberdi, esasan, daýhançylyk bilen meşgul bolan hem bolsa, ol aýdym-sazyň çyn muşdagy bolupdyr. Nurgeldiniň daýysy Öde hem dutar saz guralyndan oňat başy çykýan adam bolupdyr. Nurgeldiniň agasy Ata Gurbanberdiýew mandolina, tar saz gurallarynda sazlary oňat ýerine ýetiriji sazanda hökmünde tanalypdyr. Nurgeldä hem mandolina saz guralynda saz çalmaklygyň ilkinji tilsimlerini öwreden agasy Atadyr.

Nurgeldi 1976–1978-nji ýyllarda harby gullukda bolýar.

Babasy Ödäniň, bagşy daýysy Bäşim Ödäniň, dutarçy dogany Atanyň sazanda bolmaklary Nurgeldide aýdym-saza bolan höwesiň döremegine uly täsirini ýetirýär.

«Men bir zady ýatlasym gelýär. 1965-nji ýylyň tomus aýlarydy. Men ýedi ýaşymdadym. Daýym Bäşim Ödäýew ussat halypa dutarçy Çary Täçmämmedowy saz diňlemek üçin öýüne çagyrýar. Meniň şol mahallar oýna güýmenip, başagaý bolup ýören çaga döwrümdi. Bir gün meniň ünsümi birden tamdan çykan dutaryň ýakymly owazy özüne maýyl etdi. Men oýnap ýören ýerimden penjiräniň ýanyna ylgap baranymy özüm duýman galypdyryn. Penjire açyldy, Bäşim daýym bilen Çary aga biri-biriniň çalýan sazlaryny diňläp, sazyň arasynda-da mesawy gürrüň edişip, çaý içip otyrdylar. Ynha, birdenem Çary aga ýaňky içip oturan çaýynyň soňuny eýlesine-beýlesine seretmän, äpişgä, ýagny maňa tarap serpip goýberdi, menem näme, penjireden jyklap duran-da. Olaryň habaram ýok. Serpilen çaý hem meniň maňlaýymy syryp geçdi. Bu ýagdaý müdimilik meniň ýadymda, aňymda galan zat. Şonuň üçinem, belki-de, bu pursat mende

çagalygymdan saza bolan söýginiň, höwesiň döremegine getirendir, şeýle-de meniň Çary aganyň çalyş hörpüne ýykgyn edip, diňe ala-böle bu halypanyň ýerine ýetirijilik ýolundan ürç edip caljak bolýanlygym hem ýöne ýerden dälmikä öýdýän» diýip, Nurgeldi çagalygyny ýatlap gürrüň berdi.

Sazanda Nurgeldi Gurbanberdiýew 1997-nji ýylda Aşgabat şäherindäki Türkmen döwlet filarmoniýasynyň «Bagşylar» ansamblyna işe girýär. Ol ansamblda birnäçe ýyl halypa bagşy-sazandalar bilen bile işleşip, özüniň repertuaryny, ýerine ýetirijilik ussatlygyny artdyrýar. Nurgeldi 2001-nji ýylda Türkmen milli konserwatoriýasynyň konsert zallarynyň müdiri wezipesine işe geçýär. Şondan bäri hem şu güne çenli Türkmen milli konserwatoriýasynda işläp gelýär. Nurgeldi boş wagtlary meşhur sazanda Çary Täçmämmedowyň saz ýazgylaryny diňleýär, öwrenýär. Özüniň ýerine ýetirijilik ussatlygyny artdyrýar. Ol türkmen telewideniýesiniň «Türkmen owazy» ýaýlymynda yzygiderli çykyş edip durýar.

Nurgeldi Türkmen döwlet filarmoniýasynyň «Bagşylar» ansamblynda işlän döwründe birnäçe belli bagşylara, ýagny Bibi Garajaýewa, Türkmenistanyň halk artistleri Hojaguly Diwanaýewe, Nurýagdy Baýramowa, Oraznepes Döwletnazarowa, Şemşat Hojaýewa sazandarlyk etdi. Ol «Galkynyş» diýen sazyň awtorydyr.

«Ata kesbi – ogla halal» diýlişi ýaly, Nurgeldiniň ogly Gurbangeldi Gurbanberdiýew kakasynyň kesbi-kärini mynasyp dowam etdirýär. Ol 2001-nji ýylda Türkmen milli konserwatoriýasynyň «Bagşyçylyk sungaty» kafedrasynyň bagşy hünärine okuwa girip, ony 2006-njy ýylda üstünlikli tamamlady. Ol konserwatoriýada öz hünäri boýunça Türkmenistanyň halk artisti, professor Ýolaman Nurymowdan tälim aldy. Gurbangeldi döwrümiziň zehinli dutarçylarynyň biridir. Gurbangeldi türkmen telewideniýesiniň «Türkmen owazy» ýaýlymynyň Halk saz gurallary ansamblynda dutarçy bolup işledi. Ol telewideniýede yzygiderli çykyş edip durýar. Gurbangeldi häzirki döwürde Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky D.Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebinde dutar hünäri boýunça mugallym bolup işleýär.

## AŞYR HOJAÝEW



Aşyr Hojaýew 1960-njy ýylyň 16-njy maýynda Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň «Hurmantgökje» daýhan birleşiginiň Dört ajy obasynda dünýä inýär. Ol 1967-nji ýylda öz obalaryndaky 25-nji orta mekdebe okuwa barýar. Onda aýdym-saza bolan höwes mekdep ýyllaryndan başlanýar. Onuň kakasy Myrat Hojaýew käri boýunça çopan bolsa-da, aýdym-saza gowy düşünýän, aýdym-sazdan oňat başy çykýan adam bolupdyr. Aşyr hem kakasynyň ýanynda çopançylyk edýär. Aşyra dutar çalmaklygyň ilkinji tilsimlerini, ýagny dutar tutmaklygy, perde basmaklygy, dutary düzmäni öwreden öz kakasy, şonuň üçinem Aşyr kakasyny ilkinji halypasy hasaplaýar. Ol şol döwürde radioda berilýän aýdym-sazlary ürç edip diňläp, halypalaryň çalan sazlaryny öwrenip, özüniň repertuaryny baýlaşdyrýar.

Soň ol Türkmenistanyň at gazanan artisti, ussat dutarçy Durdymyrat Gazakow bilen tanyşýar, dostlaşýar. Bu halypadan mukamçy-kompozitorlaryň döreden sazlaryny, türkmen halk sazlaryny öwrenip, özüniň ýerine ýetirijilik ussatlygyny artdyrýar. Durdymyrat Gazakow Aşyra Aşgabatdaky D.Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebine okuwa girmekligi maslahat berýär. Şeýlelikde, Aşyr 1986-njy ýylda D.Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebiniň gaýybana bölümine okuwa girýär we ol öz obalaryndaky 25-nji orta mekdepde aýdym-saz mugallymy bolup işe başlaýar. Sazçylyk mekdebinde dutar hünäri boýunça Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri Durdyguly Annaýewden tälim alýar.

Ol 1991-nji ýylda sazçylyk mekdebini üstünlikli tamamlaýar we 2004-nji ýylda Ruhabat etrabynyň Bokurdak şäherçesinde ýerleşýän 21-nji orta mekdebinde işe başlaýar, ondan soň şol etrabyň Sowma diýen obasyndaky 19-njy orta mekdepde işläp, aýdym-saza ukyply zehinli ýaşlara bu sungatyň inçe tilsimlerini öwredýär.

2009-njy ýyldan häzirki wagta çenli Türkmenistanyň nebit-gaz işewürlik merkeziniň halk saz gurallary toparynda dutarçy bolup işleýär. Aşyr Hojaýew «Arkaç mukamy», «Garagum mukamy» diýen sazlary döredýär.

5. Sargyt № 2576

## ANNASEÝIT ANNAMYRADOW



Meşhur sazanda, dutarçy, ussat halypa Mylly Täçmyradowyň ady dakylan çowlugy Annaseýit Annamyradow 1960-njy ýylyň 18-nji oktýabrynda Aşgabat şäherinde dünýä inýär. Kakasy Atda Annamyradow (Mylly aganyň agtygy) Türkmenistanyň radio komitetinde ençeme ýyllap saz redaktory bolup işleýär. Onuň ogullarynyň içinde Annaseýit hem-de körpe ogly Meretmuhammet «Ata kesbi – ogla halal» diýlişi ýaly, ata kesbini mynasyp dowam etdirip, türkmen milli aýdym-saz sungatynyň ösmegine özleriniň goşantlaryny goşup gelýärler. Häzirki döwürde Annaseýit Türkmen milli konserwatoriýasynyň Halk saz gurallary kafedrasynyň uly mugallymy, Meretmuhammet bolsa kompozisiýa kafedrasynyň uly mugallymy wezipesini ýerine ýetirip, talyplara hünärleri boýunça tälim berýärler.

Annaseýit Annamyradowyň özüniň gürrüň bermegine görä, onuň ilkinji halypasy atasynyň doganoglan agasynyň ogly Soltanmyrat Jygaýew bolupdyr.

«...Belli sungat adamynyň neslinden bolmak adama mydama ýakymly täsir edýär. Şol bir wagtyň özünde-de öz öňüňde borjuňy artdyrýar, bu bolsa saz sungatynda hemme kişä kän başardybam baranok. Mylly aga ýaly halypalaryň sungatynyň öňündaki borç senden has uly jogapkärçiligi talap edýär. Ady dakylanlygymdan bolsa gerek, çagalygymdan şu sungat meni owsarlap özüne çekdi gidiberdi. Saz sungatynda ilkinji hossaryň halypaň bolýar. Mylly aga meniň halypam Soltanmyrat Jygaýewiň halypasy bolupdyr. Halypamdan tälim alan bäş ýylymyň tutuş bir ýylyny ol maňa «şelpe» kakmagy öwretdi. Sazyň inçe bolşy ýaly, sazanda halky hem örän ynjyk bolýar. Bir gezek bolsa, öz ýanymdan halypamdan öýkelän bolup, garry enemiň ýanynda nägileligimi bildirdim. Beýleki oglanlara-ha perde basmagam bile öwredýär. Maňa bolsa şol şelpe kakuwyny öwredip ýör diýdim, wah, çaga bolupdyrys-da, «şelpe» kakuwynyň saza eliňi, kalbyňy düzmäniň

endigini berýändigini ol wagt bilemzok ekenimiz-dä. Şonuň üçin onuň ýanyna gatnamamy birsalym goýdum. Bir gün onuň özi ýanyma geläýdi. «Atam, sen näme üçin meň ýanyma gatnamaňy goýduň? Ýa--da öýkeleýäňmi? Mylly atamyz meniň özüme-de bir ýyllap diňe «şelpe» kakmagy öwredipdi ahyry» diýdi. Bäş ýylyň içinde men halypam Soltanmyrat agadan ençeme sazlary çalmagy öwrendim, soňra-da onuň maslahaty bilen ussat sazanda Ýagmyr Nurgeldiýewiň ýanyna gatnap başladym. Ýagmyr halypa hem Mylly aganyň eý görýän şägirtleriniň biri, onuň elinde alty ýyllap tälim alyp, ençeme mukamlary öwrendim» diýip, Annaseýit öz ilkinji halypalaryny ýatlaýar.

Annaseýit 1978-nji ýylda Aşgabatdaky D.Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebine okuwa girýär. Ol bu ýerde dutary nota boýunça öwrenmekde mugallym Kakabaý Annanepesowdan, ansambl sapagy boýunça bolsa, ussat-sazanda Ý.Nurgeldiýewden tälim alýar. Ol 1982-nji ýylda sazçylyk mekdebini üstünlikli tamamlap, Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky ýörite sazçylyk mekdep-internatynda işleýär. Ondan soň bolsa Annaseýit 1989-njy ýylda Türkmen telewideniýesiniň «Halk saz gurallary» ansamblyna işe girýär. Daşyndanam Türkmen milli konserwatoriýasynda okuwyny gaýybana dowam edýär. Türkmenistanyň halk artisti, professor Ý. Nurymowdan tälim alýar. Konserwatoriýany 1994-nji ýylda tamamlaýar. Ol birnäçe şägirtleri ýetişdirdi. Olardan Türkmenistanyň halk artisti, bagşy Pälwan Hamydowy, döwrümiziň zehinli dutarçylarynyň biri, Türkmenistanyň at gazanan artisti Öwez Orazmuhammedowy, Annaseýidiň öz ogly Söhbet Annamyradowy mysal görkezmek bolar.

Ussat dutarçy Annaseýit Annamyradowa türkmen halk sazyny dünýä ýaýmakda bitiren saldamly goşandy üçin 2011-nji ýylda «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen hormatly at dakyldy.

«Ozal akan ýerden akarmyş aryk» diýlişi ýaly, asyrlar boýy gadymyýetden dowam edip gelýän Mylly aganyň ýerine ýetirijilik sungatyny Mylly aganyň çowlugy Annaseýit, Annaseýit Annamyradowyň ogly, Mylly aganyň ýuwlugy Söhbet Annamyradow mynasyp dowam etdirýärler.

# ARKADAGYMYZ

Sazy: *Orazmyrat Annanepesowyňky,*
sözleri: *Amangeldi Orazowyňky,*
nota geçiren: *Atageldi Mämmetgulyýew.*

**Allegro moderato**




22
Şu Wa-tan - dyr ne - sil - le - riň söý - dü - gi,
ç
25
Şu - top-rak - dyr sy-gyn - dy - gy uý - du - gy.
28
Er - ka-na par - la - ýar Wa-tan baý - da - gy, Hal - ky-myň gu - wan - jy
31
Ar - ka-da - gy myz.
34
A - - -


37
- - - Dil-le-ri se-na-ly, ýü-zi nu-ra-na,
40
Paý-ha-sy-na dün-ýä gal-ýar haý-ra-na. O-guz ba-bam ki-min
43
mer-di mer-da-na, Ä-le-me ýol a-çan Ar-ka-da-gy-myz.
46
49
A - - - - - -


Gö - rog - ly - ny, Alp - Ars - la - ny, Tog - ru - ly,
Dün - ýä a - ýan e - dip mert - lik dog - mu - ny, Bag - ta bes - län bag - ty -
ýar - lyk döw - rü - ni, Mil - le - tiň buý - san - jy Ar - ka - da - gy - myz.
A - ba - dan - lyk ö - mür - le - riň do - wa - my,


A - su-da - lyk gö-wün - le - riň o - wa - zy,
Ag - zy-bir - lik ak ýol - la - ryň ro - wa - ny, I - li-miň da - ýan - jy
Ar - ka-da - gy myz, Ag - zy-bir - lik ak ýol -
la - ryň ro - wa - ny, I - li-miň da - ýan - jy Ar - ka-da - gy - myz,
Öm - riň u - zak bol-sun, Ar - ka-da - gy - myz.



Türkmeniň adyny arşa göteren
Eziz Baştutanmyz Arkadagymyz.
Döwletli, döwranly bagta ýetiren
Päk ýürekli gerçek Arkadagymyz.

Şu Watandyr nesilleriň söýdügi,
Şu toprakdyr sygyndygy-uýdugy.
Erkana parlaýar Watan baýdagy,
Halkymyň guwanjy Arkadagymyz.

Dilleri senaly, ýüzi nurana,
Paýhasyna dünýä galýar haýrana.
Oguz babam kimin merdi-merdana,
Äleme ýol açan Arkadagymyz.

Göroglyny, Alp-Arslany, Togruly,
Dünýä aýan edip mertlik dogmuny,
Bagta beslän bagtyýarlyk döwrüni,
Milletiň buýsanjy Arkadagymyz.

Abadanlyk ömürleriň dowamy,
Asudalyk göwünleriň owazy,
Agzybirlik ak ýollaryň rowany,
Ilimiň daýanjy Arkadagymyz,
Ömrüň uzak bolsun, Arkadagymyz.

# GÜLHANYM

*Türkmen halk sazy*

Nota geçiren: *Orazmyrat Annanepesow.*

**Allegro moderato**






pizz...............
R
R


pizz...............
pizz..................

# AMMAN-AMMAN

*Türkmen halk sazy*

Nota geçiren: *Orazmyrat Annanepesow.*

**Allegro moderato**




37
çr
çr
çr
41
45
çr
çr
49
53
çr
çr
57
çr
çr
61
çr
gr
çr
65
gr
çr
gr
çr
69
gr
çr
gr
çr
73
gr
çr


77
81
85
89
93
97
101
105
109
113




6. Sargyt № 2576


157
gr
çr
161
165
168
172
176
180
184
188
192
196
200

# ZYBAGÖZEL

*Türkmen halk sazy*

Nota geçiren: *Orazmyrat Annanepesow.*

**Allegro-moderato**






58
61
64
67
B
C
70
73
76
79
82
85


K
pizz.
g r






poco a poco cresh.
rit. molto


K
g r


238
241
244
g r
g r
g r
247
250
253
256
259
262


265
268
271
274
277
280
283
286
289
g r
292
295
298
g r

# BALSAÝAT

*Türkmen halk sazy*

Nota geçiren: *Orazmyrat Annanepesow.*

**Allegretto**




35
39
43
47
51
55
59


63
67
72
77
gr
81
85
89






7. Sargyt № 2576


153
158
162
166
170
174
178
182
186

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR

*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmen medeniýeti. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.

*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ile döwlet geler bolsa ... – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.

*Annanepesow O.* Halk saz gurallarynda ýerine ýetirijiligiň taryhy. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.

*Durdyýew H.* Şabram şelpeler. – Aşgabat: «Türkmenistan», 1982.

*Nurymow Ý.* Türkmen sazlary we sazandalary. – Aşgabat: «Magaryf», 1993.

# MAZMUNY

Giriş .......... 7
Bäşim Lallakow .......... 10
Allaberdi Allaberdiýew .......... 15
Atabally Hojaýew .......... 20
Amanberdi Gowşudow .......... 25
Kakabaý Annanepesow .......... 26
Muhammetabdy Sähedow .......... 28
Sapargylyç Seýitgeldiýew .......... 30
Amanöwez Saparow .......... 32
Öwezmyrat Gandymow .......... 38
Baýmyrat Soltanow .......... 40
Nepesmyrat Meredow .......... 46
Gurbanmuhammet Şepaýew .......... 52
Durdyguly Annaýew .......... 53
Muhammetdurdy Muhammetnyýazow .......... 56
Durdymyrat Gazakow .......... 60
Nurgeldi Gurbanberdiýew .......... 63
Aşyr Hojaýew .......... 65
Annaseýit Annamyradow .......... 66
Aýdym-sazlaryň nota ýazgylary .......... 68
Peýdalanylan edebiýatlar .......... 99

Orazmyrat Jepbarowiç Annanepesow

# HALYPA – DARAGT,
# ŞÄGIRT MIWESI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

| | |
|---|---|
| Redaktor | *Ş. Myratgulyýewa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter bezegi | *G. Orazowa* |
| Neşir üçin jogapkär | *A. Çaryýew* |

Çap etmäge rugsat edildi 27.11.2017. Ölçegi 60x90 $^{1}/_{16}$.
Edebi garniturasy. Şertli çap listi 6,5. Şertli reňkli ottiski 26,25.
Hasap-neşir listi 5,14. Çap listi 6,5. Sargyt № 2576. Sany 190.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G.Gulyýew) köçe, 51/1.